# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – BIZ OBA HOJALYK IŞGÄRLERINIŇ, DAÝHANLARYŇ ÝOKARY ÖNDÜRIJILIKLI IŞLEMEKLERI, TOPRAKDAN BOL HASYL ÖNDÜRIP, HALAL ZÄHMETI BILEN BAÝAMAKLARY ÜÇIN ÄHLI ŞERTLERI DÖREDÝÄRIS.


ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

20-nji mart, 2024. Belgisi 12/1578




# TOHUMYŇYZ MÜŇLESIN, EDERMEN BABADAÝHANLAR!

18-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlarda gowaça ekişine girişmek we ekiş möwsümini agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin degişli taýýarlyk işleri geçirilýär. Bugdaý meýdanlarynda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek we ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Ýazlyk ýeralmanyň, soganyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişi alnyp barylýar. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy tutulýar. Welaýatlarda dowarlardan owlak-guzy, düýelerden köşek almak möwsümi dowam edip, bu jogapkärli möwsümi guramaçylykly geçirmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Şeýle hem welaýatlarda suw serişdelerinden tygşytly peýdalanmak, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny kadaly derejede saklamak maksady bilen, suwaryş, şor suw akabalarynda arassaçylyk işleri geçirilýär. Mundan başga-da, häkimler Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän binalardaky we desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işleriň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekdi we gowaça ekişine guramaçylykly girişilmegini, ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi häkimlere tabşyrdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň möhümdigini belledi hem-de bu ugurdaky işleri gözegçilikde saklamagy häkimlere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň pagtaçy daýhanlaryna gowaça ekişine ak pata berendigi üçin ähli oba zähmetkeşleriniň adyndan hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak, tutýan tutumly işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Soňra wise-premýer ýurdumyzda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda gowaça ekişine başlamak üçin degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalary we gurallar, pagtaçy daýhanlar üçin ýokary hilli gowaça tohumlary möwsüme doly taýýar edildi. Diýarymyzda bugdaýyň bol hasylyny öndürmek arkaly azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak hem-de bu önümler bilen ilatymyzy bolelin üpjün etmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Şu günler welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekinleriň ekişi dowam edýär.

Ýurdumyzda maldarçylyk pudagyny ösdürmek, mallaryň baş sanyny artdyrmak, olary talabalaýyk idetmek, mallaryň önüm berijiligini ýokarlandyrmak boýunça zerur çäreler görülýär. Häzirki wagtda welaýatlarda dowarlardan owlak-guzy, düýelerden köşek almak möwsümi guramaçylykly dowam edýär. Ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak, suw serişdelerinden tygşytly peýdalanmak maksady bilen, suwaryş we şor suw akabalaryny arassalamak, howdanlarda suw toplamak işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk ekinleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak boýunça öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyna ünsi çekdi we gowaça ekişiniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, bugdaý ekilen meýdanlardaky ideg işleriniň talabalaýyk alnyp barylmagyny berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, oba hojalygynda jogapkärli möwsümiň – gowaça ekişiniň ýetip gelendigine ýene de bir gezek ünsi çekdi we Ahal, Balkan, Lebap, Mary welaýatlarynda 20-nji martda, Daşoguz welaýatynda 27-nji martda başlanjak bu möwsümiň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi üçin ähli zerur çäreleriň görülmegini tabşyrdy.

Iş maslahatynyň dowamynda oňa gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişen güni bilen hem-de ýetip gelýän Milli bahar baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutladylar we hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň rowaçlygynyň, Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine gönükdirilen giň gerimli işleriniň hemişe üstünliklere beslenmegini arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

# Hususy pudagyň gazananlaryna bagyşlanan sergi

*17-19-njy martda Söwda-senagat edarasynyň sergiler merkezinde milli ykdysadyýetiň hususy pudagynyň gazananlaryny we mümkinçiliklerini açyp görkezýän üç günlük giň gerimli sergi we telekeçilik işiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmaga bagyşlanan maslahat geçirildi.*

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 16 ýyllygyna bagyşlanan bu çäreler türkmen işewürleriniň tejribesini, üstünliklerini we mümkinçiliklerini, hususy pudagyň milli maksatnamalary, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň innowasion ösüşine, bäsdeşlige ukyply hem-de eksport ugurly önümçilikleri döretmäge gönükdirilen özgertmelerini durmuşa geçirmäge goşýan uly goşandyny açyp görkezýär.

Forumyň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, Halk Maslahatynyň, Mejlisiň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, daşary ýurt kompaniýalarynyň, Türkmenistanda işleýän daşary ýurtlaryň hem-de halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döwrümiziň belent maksatlaryna ýetmekde, döwletiň ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde uly işleri alyp barýandygy nygtalýar.



Bu ýyl Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi tarapyndan ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasy bilen bilelikde guralan giň gerimli sergide kompaniýalaryň, hususy kärhanalaryň we önüm öndürijileriň 230-dan gowragy öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy. Şolaryň arasynda sergä ilkinji gezek gatnaşýanlar hem bar.

Häzirki döwürde ylmy esasda işlenip düzülen, ýokary tehnologiýaly önümçilikleri ösdürmek üçin şertleriň döredilmegine aýratyn üns berilýär. Bu çemeleşme bar bolan önümçilikleri tehniki we guramaçylyk taýdan kämilleşdirmekde, eksporta niýetlenen önümleriň täze görnüşlerini öndürmekde telekeçiler üçin giň mümkinçilikleri açýar. Şeýlelikde, döwletimiz ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak babatda oňaýly şertleri döretmek we başlangyçlary öňe sürmek bilen, hususy kärhanalaryň döwrebaplaşdyrylmagyna ýardam berýär, olaryň innowasion işlere çekilmeklerini, halkara derejede tejribe alyşmaklaryny üpjün edýär. Sergide ähli pudaklaryň bölümlerinde diýen



ýaly görkezilýän «täze önüm», «importyň ornuny tutýan önümçilik» ýa-da «innowasion tehnologiýa» ýaly aýratynlyklara laýyk gelýän köp sanly önümler hem bu ugurda gazanylan üstünlikleri aýdyňlygy bilen subut edýär.

Gözden geçirilişiň çäklerinde TSTB-niň edara binasynyň mejlisler jaýynda telekeçilik işiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmaga bagyşlanan maslahat geçirildi. Hususy önümçilige täze tehnologiýalary we öňdebaryjy nou-haulary ornaşdyrmagyň mümkinçiliklerini öwrenmek, hususy önüm öndürijileriň önümleriniň, hyzmatlarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ýurdumyzda öndürilýän önümlere sarp edijileriň ünsüni çekmek, telekeçilik işini kämilleşdirmek bilen bagly meseleleri toplumlaýyn seljermek maslahatyň gün tertibiniň esasy ugurlary boldy. Şeýle hem soňky ýyllarda durmuşa geçirilen işleri we gazanylan üstünlikleri ara alyp maslahatlaşmak, önümçiligi ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek, ilatyň iş bilen



üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmaga ýardam etmek boýunça Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň öňünde durýan wezipeler barada pikir alyşmalar guraldy.

Nobatdaky sergi Garaşsyzlyk ýyllarynda ajaýyp üstünliklere eýe bolan milli ykdysadyýetimiziň döwlete dahylsyz pudagynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň we täzelikleriň aýdyň beýanydyr.

# Gadymyýetden gözbaş alan juwan Nowruz



**Bäş müň ýyllyk taryhy bolan asly halal merdana halkymyzda paýhasly pederlerimizden miras galan ajaýyp däp-dessurlaryň, özboluşly edim-gylymlaryň, millilige ýugrulan toý-baýramlaryň ençemesi bar. Olaryň köpüsi dürli döwürleriň, eýýamlaryň dowamynda döräp, üstünden wagt geçdigiçe kämilleşip, halkyň aňyna, durmuşyna mizemez ýol-ýörelge hökmünde ornapdyr we kada-kanuna öwrülip gidipdir. Asyrlaryň synagyndan geçip, merdi-merdana ata-babalarymyzdan biziň günlerimize çenli gelip ýeten şeýle baýramlaryň biri hem Nowruz baýramydyr. Nowruz baýramy togsan dolup, ýere ýyly giden dessine, uzak görnen gazaply gyş öz möwritini ötürip, ornuny ýakymly ýazlara berenden soň, çogly Güneşiň ýyly mährine gyş ukusyndan oýanan gadymy türkmen topragy gül-gunçalara beslenende bellenilýär. Abu Reýhan Birunynyň «Asmanyň ýalkymy Zemine düşüp, ýeriň söýgüsini joşdurýar» diýip belleýşi ýaly, Nowruzda Kuýaş nurundan görk alyp, ýakymly ýaz ýagyşlaryna ezilen agaçlar pyntyklap, ýaýlalar ýaşyl begresini geýinýär. Ata-babalarymyzyň «Nowruz gelse, buz durmaz, halady geçen – gyz» diýip, aýdyşy ýaly seri dumanly goja daglaryň gary eräp, boz bulaklar dolup daşýar.** 2

## Halkara syýahatçylyk dikeldilýär



Bu ýyl halkara syýahatçylyk pandemiýadan öňki derejä ýetiriler. Bu barada Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň hünärmenleri belleýär. Käbir ýurtlar eýýäm oňyn ösüşleri gazandy. Wýetnamda syýahatçylygyň ykdysadyýetdäki paýynyň artdyrylmagy maksat edinilýär. 3

## Agyz beklenende üns berilmeli zatlar



**Remezan aýy musulman dünýäsinde mäberek aýlaryň biri hasaplanýar. Çagajyklaryň «Ýa, Remezan!» diýip, bu nurana aýyň ýetip gelendigini buşlamagy bilen olara söýünji berilýär, ýagşy arzuw-umytlar edilýär. Bu aýda agyz beklenip, agzaçar sadakasy berilýär.** 4

## UEFA-nyň ýaryşlarynda çärýek finalyň bijeleri çekildi




UEFA-nyň 3 sany klub ýaryşynda hem çärýekdir ýarym finalyň bijeleri çekildi. Geçen ýylyň tomsunda saýlama tapgyrynyň duşuşyklary bilen başlanan ýaryşlarda möwsüm tamamlanyp barýar. Toparçalaýyn tapgyrda 35 ýurtdan 96 klub çykyş edip, şolaryň 24-si çärýek finala çykdy. 5



# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY TÜRKIÝÄNIŇ «RÖNESANS HOLDING» KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY

*18-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýäniň «Rönesans Holding» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Erman Ylyjak bilen duşuşdy. Işjeň ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Türk işewüri Gahryman Arkadagymyza türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Öz ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň Türkmenistanda ýerine ýetirýän işleriniň barşy barada habar bermek bilen, myhman Gahryman Arkadagymyzy we türkmen halkyny mukaddes Oraza aýy bilen gutlady hem-de bu sahawatly günlerde ähli arzuwlaryň hasyl bolmagyny arzuw etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hormatly Prezidentimiziň adyndan we hut öz adyndan işewüri, doganlyk türk halkyny mukaddes Oraza aýy bilen gutlady. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz üçünji Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmak üçin Türkiýe Respublikasyna bolan saparynyň çäklerinde işewür bilen duşuşyp, hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki ugurlary boýunça pikir alşandyklaryny belledi. Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow meşhur kompaniýanyň ýolbaşçysy bilen ýene-de duşuşýandygyna şatdygyny aýtdy.

Milli Liderimiz ýurdumyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda giň gerimli işleriň alnyp barlyp, ägirt uly «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmegiň çäklerinde işleri üstünlikli amala aşyrmak üçin zerur tagallalaryň edilýändigini belledi. Şunda bilelikdäki iri taslamalary durmuşa geçirmek üçin ägirt uly mümkinçilikler açylýar.

Ýurdumyzyň Türkiýe Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýändigini belläp, Gahryman Arkadagymyz işewüriň bu gezekki saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmekde we «Rönesans Holding» kompaniýasynyň Türkmenistanda alyp barýan işleriniň ösüşiniň anyk ugurlaryny kesgitlemekde möhüm ädime öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Şeýle hem Milli Liderimiz Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky 1-nji Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň gurluşygynyň barşy bilen gyzyklandy we ýurdumyzda himiýa senagatyny ösdürmegiň, Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde taslamalaryň durmuşa geçirilmegine türk işewürleriniň gatnaşyp biljekdigini aýtdy.

Türkiýäniň iri kompaniýasynyň ýolbaşçysy uly ykdysady kuwwata eýe bolan Türkmenistanda giň möçberli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine gatnaşmagyň özleri üçin uly hormatdygyny nygtap, häzirki döwürde Berdimuhamet Annaýew adyndaky 1-nji Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň gurluşygynyň güýçli depginde dowam edýändigini, onuň geljek okuw ýylynyň başynda – «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ulanmaga beriljekdigini habar berdi.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda yzygiderli ösdürilýän özara bähbitli hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmeginde iki halkyň taryhy-medeni hem-de dil babatda umumylygynyň esasy şert bolup durýandygyny belledi. Türkmen-türk gatnaşyklary hususy ulgamda-da netijeli ösdürilýär, bu ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin baý tejribe toplandy.

Türk kompaniýasynyň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine döwlet derejesinde üns berilýändigi üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanda maksatnamalaýyn özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine uly goşant goşmaga taýýardygyny nygtady.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iri halkara kompaniýalar bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ähmiýetini belläp, deňhukuklylyk we iki tarapyň bähbitlerine hormat goýmak ýörelgeleriniň onuň binýadyny emele getirýändigini aýtdy. «Rönesans Holding» kompaniýasynyň köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda şähergurluşyk, nebitgaz, himiýa senagaty pudaklarynda möhüm taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýandygy kanagatlanma bilen bellenildi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň doganlyk ýurduň kompaniýasynyň alyp barýan işlerine ýokary baha berýändigini hem-de toplanan oňyn tejribäni hasaba almak bilen, geljekde-de ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny nygtady.

Söhbetdeşligiň ahyrynda işewür Türkmenistanda bolup, türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen duşuşmaga we hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga örän şatdygyny nygtap, öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

## Döwrebap söwda merkezleri açyldy

Ýurdumyzda kaşaň söwda merkezleriniň sany ýyl geçdigiçe artýar. Häzirki zaman söwda enjamlary bilen enjamlaşdyrylan söwda merkezleri ilatmyza ýokary hilli hyzmatlary hödürleýär. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 16 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda durmuş maksatly binalaryň birnäçesi açylyp ulanmaga berildi.

Ýakynda Magtymguly şaýolunyň ugrunda işewürlik merkezi we ýerasty awtoduralgasy bolan «Arkaç» söwda-dynç alyş merkezi açylyp ulanylmaga berildi. Umumy meýdany 4,7 gektara deň bolan söwda-dynç alyş merkezi «Ussat» hususy kärhanasynyň hünärmenleri tarapyndan häzirki zamanyň inženerçilik-tehniki çözgütlerine laýyklykda, ekologiýa taýdan arassa gurluşyk serişdelerini ulanmak arkaly guruldy. Toplumyň çäginde ýerleşýän 55 müň 377 inedördül metr meýdany bolan söwda-dynç alyş merkeziniň düzümine köp sanly desgalar, şol sanda harytlaryň we hyzmatlaryň dürli görnüşlerini hödürleýän supermarket girýär. Bu ýerde dükanlardan başga-da, attraksion oýun meýdançalary, kinozallar, çagalar dynç alyş şäherjigi, restoran, kafe, toý mekany we beýlekiler bar.

Merkezi binanyň gapdalynda umumy binagärlik çözgütleri bilen sazlaşykly utgaşýan işewürlik merkezi gurlupdyr. Umumy meýdany 25 müň inedördül metrden gowrak bolan 12 gatly täze işewürlik toplumynda binagärligiň häzirki zaman gazananlary we däp bolan milli usullar sazlaşykly utgaşýar.

Şeýle-de Daşoguz şäheriniň S.Türkmenbaşy şaýolunyň ugrunda «Derkar» söwda merkezi ulanmaga berildi. Häzirki zaman binagärlik sungatynyň öňdebaryjy tejribelerini özünde jemleýän bu söwda merkeziniň iki gatly binasynyň gurluşyk işlerini Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy «Türkmençarwa» hususy kärhanasy alyp bardy. Onuň umumy meýdany 1 müň 615 inedördül metre barabar. Bu



ýerde ilata durmuş taýdan hyzmat etmek, köp görnüşli harytlaryň söwdasyny guramak üçin amatly mümkinçilikler bar. Täze binanyň 1-nji gatynyň esasy bölegini merkeziň giň hem ýagty zaly eýeleýär. Onuň ikinji gatynda dükanlaryň jemi 30-sy bolup, olarda aýry-aýrylykda hojalyk harytlary we beýleki önümler satylýar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 16 ýyllygynyň toýlanýan günlerinde açylan bu söwda merkezleri türkmen işewürleriniň ýurdumyzyň söwda we hyzmatlar ulgamyndaky özgertmeleri durmuşa geçirmäge goşýan saldamly goşandyny aýdyň görkezýär.

**Gurban AGAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Gadymyýetden gözbaş alan juwan Nowruz

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Giň älem şildiräp şelpe kakýan çeşme-çaýlaryň beýikden peslige tarap akanda eşidilýän şirin owazy, baharyň hoştap howasyndan joşa gelen guşlaryň daraýy donly ýaýlalara ýaň salýan şadyýan nagmalary, öri meýdanlarda ikiýana ýüwrüp, bökjekleşýän enaýyja owlak-guzularyň mäleşýän sesleri bilen gurşalýar. Jana tenekar hoştap howasy, seleň-sähralaryň gül-gülälekleri, ak kömelekleri, owadan kebelekleri älem-jahany joşduryp göwünleri göterýär.

Tebigy gözellikleriň buşlukçysy, ýaşaýşyň, ýaşlygyň, agzybirligiň, bagtyýarlygyň kepili bolup, ajaýyp bahar paslynda uly dabara bilen bellenilýän Nowruz baýramy öz gözbaşyny has irki döwürlerden alyp gaýdýar. Bu baýramy ady rowaýata öwrülen, ynsa-jynsa höküm eden Jemşidiň tagta çykan güni bilen hem baglanyşdyrýarlar. Gündogar halklarynyň çuňňur söýgüsine mynasyp bolan Nowruz baýramyny, esasan, Gündogar halklary belleýärler. Hut şonuň üçinem Magtymgulynyň «Ýerde Nowruz hormaty» diýip belleýşi ýaly, halkymyzda Nowruz baýramyna bolan hormat-sarpa ýokarydyr.

Nowruz baýramynda semeni taýýarlanýar. Tagam goýalyp taýýar bolup başlanda, onuň ýüzünde Äşe-Patmanyň barmaklarynyň yzy görünýär diýip yrym edipdirler we onuň görünmegine garaşypdyrlar. Ak-gögüň, çal-süýdüň bolugyp, dünýäň läle-reýhan, alaýaz wagty bellenilýän Nowruz baýramynda türkmen zenanlary saçaklarynyň bereketli bolmagy üçin milli tagamlaryň birnäçe görnüşini taýýarlaýarlar. Gelin-gyzlar ir döwürlerde monjugatdy oýnap, läle kakyp, gazal aýdyp şatlanan bolsalar, häzirki döwürde döwrebap öwüşginler bilen baýramy garşylaýarlar. Many-mazmun taýdan ýyl geçdigiçe baýlaşýan Nowruz baýramy ýurdumyz Garaşsyzlygyny alany bäri her baharda uly dabara bilen bellenilýär. Bu ýyl beýik ösüşlere, täze belentliklere çykan güneşli Diýarymyza jümle-jahany janlandyryp, kalplarymyzy şatlykdan, buýsançdan püre-pürläp gelen pasyllaryň soltany hasaplanýan bahar goşalanyp geldi. Çünki asyrlardan aşyp, biziň günlerimize çenli gelip ýeten gadymy Nowruz baýramy bu ýyl «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylan 2024-nji ýylda şygryýet äleminiň şasy Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän baýramçylyk dabaralary bilen utgaşyp, ýokary derejede belleniler.



Berkarar ýurdumyza gelen Nowruzda türkmen sährasy gül bolup açylsyn! Gahryman Arkadagly, Arkadagly Gahryman Serdarly halkymyzyň toýlary toýa ulaşsyn!

**Göwher NEPESOWA,**
*Balkan welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň 4-nji böliminiň uly gözegçisi, polisiýanyň maýory.*

## Aýlaryň soltany – Oraza

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halky ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyza, ýol-ýörelgelerimize uly sarpa goýýar. Külli musulman ymmaty üçin aýlaryň serweri, her bir adamyň ýagşy umyt-arzuwlar, päklik bilen garşylaýan Oraza aýy dowam edýär.

Oraza aýy dost-doganlygy, päkligi, ynsanperwerligi, sahawatlylygy hemişe ýörelge edinen ata-babalarymyzdan şu günki güne gelip ýeten mukaddes däp-dessurlaryň rowaçlanýan, beden hem ruhy taýdan päklenmegiň keremli aýy hasaplanypdyr. Bu mübärek aýda halkymyz tarapyndan agyz beklenip, tagat-ybadatlar amal edilýär, agzaçar sadakalary berilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda bellenilişi ýaly, Oraza aýy ýaramaz häsiýetlerden uzaklaşyp, peýdaly endikleri gazanmagyň aýydyr.

Oraza tutýan adam iýmitlenmekden saklanyşy ýaly, ýaramaz häsiýetlerden, biweç endiklerden hem gaça durmagy zerurlyk hasaplaýar. Orazanyň ýene-de bir özboluşly taraplarynyň biri «agyz açdyrmak» dessurydyr. Oňa ilimizde «agzaçar» diýilýär. Oraza tutýanlaryň birnäçesini öýüne çagyryp, bir saçagyň başyna üýşürmek sogap saýylýar.

Oraza tutmak ynsanlara ybadaty berjaý etmegi, şepagatly bolmagy ündeýär, nebsine buýurmaga, ýaramaz endiklerden saklanmaga kömek edýär. Aslynda, adamlar bütin ýylyň dowamynda bolluk bilen iýip-içip ýaşaýarlar. Pygamberimiz hadyslarynda: «Oraza tutuň, bedeniňiz berk we sagdyn bolsun!» diýipdir. Oraza kalbyň, bedeniň, ýagşy edep-ekramly bolmagyň tebibidir.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy hem oraza tutmagyň ähmiýetini goşgy setirlerinde belläp geçipdir. Onda şeýle beýan edilýär:



***Magtymguly terk eýleme edasyn,***
***Terk eýleseň – tutawergil kazasyn,***
***Magnysyna ýetip bilseň mazasyn,***
***Ajap içre, ajap kärdir bu roza.***

Bu mukaddes aý dilegleriň kabul bolýan aýydyr. Oraza aýynda dünýä ýüzüniň ähli musulmanlaryna ýagşylyk, eziz Watanymyza täze sepgitlere ýetmegi, halkymyza agzybirlik, türkmen halkynyň Milli Lideri hajy Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny Beýik Allatagaladan dileg edýäris.

**Arslan HOJAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Kosmosda «Michelin» ýyldyzly nahar

Kosmos syýahatçylyk kompaniýalarynyň biri bolan «SpaceVIP» müşderilerine kosmos giňişliginde gymmat bahaly nahar hödürlär. Bu täsin syýahata alty müşderi gatnaşar. Naharlary «Michelin» ýyldyzly daniýaly aşpez Rasmus Munk taýýarlar. Bu ýerde naharlanmak üçin her bir müşderi 495 müň dollara golaý pul tölär.



Agşam naharyndan alnan ähli girdeji tehnologiýany höweslendirýän Kosmos baýragy fonduna haýyr-sahawat hökmünde berler. Bortunda aşpez hem-de alty myhman bolan raketa şu ýylyň ahyrynda Floridadaky Kennedi adyndaky kosmodromdan uçurylar. Myhmanlar «Space Perspective» startapy tarapyndan işlenip taýýarlanan «Neptun» kapsulasynda naharlanarlar. Bu kapsula Ýeriň orbita golaý ýerinde ýuwaşlyk bilen hereket eder. Ol ýerde myhmanlara Wi-Fi hödürlenip, göni ýaýlym arkaly muşdaklary bilen habarlaşyp bilerler. Şeýle hem kosmos syýahatçylary Günüň dogýan we batýan pursatlaryny görüp bilerler.

Aşpez Rasmusyň Kopengagendäki «Alchemist» atly restorany 2020-nji ýyldan bäri iki gezek «Michelin» ýyldyzyna mynasyp boldy.

**Muhammet AKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Uçýan taksi internet arkaly satuwa çykaryldy

**«EHang» kompaniýasy onlaýn söwda platformasy arkaly uçýan taksileri satuwa çykardy. «Taobao» platformasy arkaly satuwa çykarylan «EH216-S» modeliniň bahasy 2,39 million ýuan (333 müň dollar). Özbaşdak hereket edip bilýän howa we ýolagçy ulaglaryny işläp taýýarlaýan «EHang» bu uçýan taksiler üçin geçen ýylyň oktýabr aýynda Hytaýyň raýat awiasiýasy edarasyndan (CAAC) degişli resminamany alypdy. Şeýlelikde, Hytaý özbaşdak uçýan taksileri tassyklan ilkinji ýurt bolupdy. Kompaniýa uçýan taksilerini 2021-nji ýylda tanyşdyrypdy.**



**Elektrik energiýasy bilen işleýän, dikligine uçup hem gonup bilýän «EH216-S» iki ýolagça niýetlenen. Sagatdaky tizligi 100 kilometre ýetýän taksi 25 minuta çenli uçup bilýär. Taksiniň ýük göterijiligi 225-270 kilogram aralygynda.**

**Selbi MYRADULLAÝEWA,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## Söwda saldosy 11 milliard ýewro

Ýewro pul birligini ulanýan ýurtlarda şu ýylyň ýanwar aýyndaky daşary söwda saldosynyň 11,4 milliard ýewro bolandygy mälim edildi. Ýewropa statistika edarasy (Eurostat) Ýewropa Bileleşiginiň hem-de Ýewro sebitiniň halkara söwdasyna degişli maglumatlary ýaýratdy. Bileleşige agza ýurtlaryň eksporty geçen ýylyň degişli döwründäki bilen deň – 198,7 milliard ýewro, importy bolsa, 18,9 göterim azalyp, 192,5 milliard ýewro boldy. Şeýlelikde, degişli döwürde bileleşigiň daşary söwda saldosy 6,2 milliard ýewro boldy.



Ýewro sebitinde bolsa eksport 2023-nji ýylyň degişli döwründäkiden 1,3 göterim artyp, 225,9 milliard ýewro, import bolsa, 16,1 göterim azalyp, 214,5 milliard ýewro bolupdyr.

Agzalýan döwürde Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň eksportynda ABŞ (40,2 milliard ýewro), Angliýa (27,4 milliard ýewro), Hytaý (16,9 milliard ýewro) we Şweýsariýa (16,1 milliard ýewro) öňdäki orunlary eýeläpdir. Ýewropa ýurtlaryna eksport etmekde bolsa, Hytaý (36,6 milliard ýewro), ABŞ (27,9 milliard ýewro), Angliýa (13,3 milliard ýewro), Şweýsariýa (10,9 milliard ýewro) we Norwegiýa (9,6 milliard ýewro) öňe saýlanypdyr.

**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 20-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113633
Belgisi: 12/1578
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# YNAMLY ÝEŇIŞ GAZANDY

15-17-nji mart aralygynda Russiýada geçirilen Prezident saýlawlarynda häzirki döwlet Baştutany Wladimir Putin rekord netije bilen ýeňiş gazandy. Merkezi saýlaw komissiýasynyň maglumatlaryna görä, sesleriň 100 göterimi sanalandan soňra Wladimir Putiniň sesleriň 87,28 göterimi bilen ýeňiş gazanandygy belli boldy. Ikinji orunda Russiýa Federasiýasynyň Kommunistik partiýasyndan Nikolaý Haritonow (4,31%), üçünji orunda «Täze adam» partiýasyndan Wladislaw Dawankow (3,85%), dördünji orunda Russiýanyň Liberal Demokratik partiýasyndan Leonid Sluskiý (3,20%) gelýär. Saýlawlara gatnaşyk 77,44 göterime deň boldy. 8 milliondan gowrak saýlawçy distansion elektron ses berişliginden peýdalandy, 2,6 milliony öňünden ses berdi.

Russiýa Federasiýasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýurduň Prezidenti alty ýyl möhlet bilen saýlanýar. Saýlawlardan öňki kampaniýalarda ýurtda ses bermäge hukugy bolan 112 million raýatyň, daşary ýurtlarda bolsa, 1,9 million raýatyň bardygy habar berildi. Adaty hem-de elektron usulda guralan saýlawlar 80-den gowrak federal sebitde geçirildi.

Wladimir Putin 2000-nji ýylyň mart aýynda geçirilen Prezident saýlawlarynda ilkinji gezek bu wezipä saýlanypdy. 2008-2012-nji ýyllar aralygynda ýurduň Premýer-ministri wezipesini ýerine ýetirdi. Ýurduň Konstitusiýasy häzirki Prezidente 2030-njy ýylda ýene-de dalaşgär



bolmaga ygtyýar berýär. Wladimir Putin şol senä çenli bu wezipäni ýerine ýetiren halatynda, ýurduň bütin taryhynda iň uzak wagtlap döwlet ýolbaşçysy bolan lider bolar. Häzirki wagtda bäşinji gezek bu wezipä saýlanan Wladimir Putin 2018-nji ýyldaky saýlawlarda 76,7 göterim ses bilen ýeňiş gazanypdy.

# GDA-da BIRINJI ORNY EÝELEDI

Täjigistan GDA agza ýurtlaryň arasynda ilat sanynyň ösüşi boýunça birinji orny eýeledi. Soňky 30 ýylda respublikada ilat iki essä golaý köpeldi. Bäş ýylda paýtagt Duşenbede çaga dogluşy 80 göterim ýokarlanyp, bu ýagdaý bütin ýurtda deň derejededir. Ýurtda ilatyň ortaça ösüşi ýylda 200 müň adama deň diýlip, habarda bellenilýär.



Täjigistanyň 10 million 277 müň ilaty bar. Olaryň ýarysyndan gowragy erkekler. Ilatyň köpelişi boýunça Täjigistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda ilkinji orna çykdy.

Şeýle-de Täjigistan GDA-da iň «ýaş» ýurt bolup, ilatyň 71 göterimi 30 ýaşa çenlilerdir. Bilermenler ýurtda köp çagaly maşgalalary döretmek däpleriniň gaýtadan dikelýändigini belleýärler. Soňky ýyllarda Täjigistanda ömrüň dowamlylygy bir ýarym essä golaý ýokarlandy. Ol erkek kişilerde 75, zenanlarda bolsa, 78 ýaşa deňdir.

# DÖWLET GERBINI ÜÝTGETMEKÇI

Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew ýurduň döwlet gerbini üýtgetmek baradaky meseläni öwrenmek üçin ýörite komissiýa döretmegi zerur hasaplaýar. Ol bu barada ýurduň Atyrau şäherinde guralan Milli gurultaýyň maslahatynda eden çykyşynda aýtdy.



– Döwlet gerbi barada aýdylanda, men bilermenleriň we gyzyklanýan raýatlaryň, şol sanda ýaşlaryň Gazagystanyň gerbiniň çylşyrymlydygy baradaky garaýyşlaryny göz öňünde tutmagy maksadalaýyk hasaplaýaryn – diýip, Tokaýew belledi.

– Umumy ylalaşyk gazanylan halatynda, ähli ugurlary jikme-jik gözden geçirjek we köpçüligiň pikirini ara alyp maslahatlaşjak ýörite komissiýa döretmegi makul bilýärin. Şondan soňra Gazagystanyň täze Döwlet gerbiniň iň oňat bezegi üçin açyk bäsleşigi guramak gerek – diýip, Tokaýew sözüni jemledi.

Gazagystanyň Döwlet gerbi 1992-nji ýylda ýurt garaşsyzlygyny alandan soň resmi taýdan kabul edildi. Onuň awtorlary arhitektorlar Žandarbek Malibekow bilen Şot-Aman Ualihanowdyr.



# Halkara syýahatçylyk dikeldilýär

Bu ýyl halkara syýahatçylygy pandemiýadan öňki derejä çenli doly dikeldiler. Bu barada Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň hünärmenleri habar berdiler. Käbir ýurtlar eýýäm oňyn ösüşleri görkezýärler.

Wýetnamyň häkimiýetleri syýahatçylygyň ykdysadyýetdäki paýyny artdyryp, ony esasy pudaga öwürmegi maksat edinýär. Soňky bir ýylda bu pudakdan alnan girdejiler eýýäm 28 milliard dollardan geçdi. Bu ýurduň jemi içerki önüminiň 6,5 göteriminden gowragydyr. Şu ýyl Wýetnama dünýäniň dürli künjeklerinden 18 milliona golaý syýahatçynyň gelmegine garaşylýar. Bu ösüş Wýetnama Indoneziýadan öňe geçmäge we Singapura ýakynlaşmaga mümkinçilik berer.

Müsürde hem müňlerçe syýahatçynyň gelmegine garaşylýar. Golaýda Kair galasy doly abatlanyp, ilkinji gezek köpçülige açyldy. Galanyň iň belent minarasynyň beýikligi 22 metre ýetýär. Gala Salah ad-Diniň buýrugy bilen XII asyryň ikinji ýarymynda bina edilipdir. Eýýubylar nesilşalygynyň serkerdesi we esaslandyryjysy Selaheddin Eýýuby galany şäheriň içindäki şähere öwürmegi meýilleşdiripdir.

– Şu wagta çenli, Kair galasy ýeterlik derejede syýahatçylaryň ünsüni özüne çekmedi. Syýahatçylyk agentlikleri gala baryp görmegiň bir sagatdan az wagt alýandygyny aýdýarlar. Biz gala baryp görmegiň wagtyny ýakyn aýlarda azyndan üç sagada çenli artdyrmagy meýilleşdirýäris – diýip, Müsüriň syýahatçylyk ministri Ahmed Issa aýtdy.

Şeýle-de, Bagam adalarynda rekord derejede syýahatçy hasaba alyndy. Geçen ýylyň ahyrynda arhipelaga, takmynan, 10 million syýahatçy baryp görüpdir. Bu görkeziji ýurduň bütin taryhynda iň köp syýahatçy saparydyr. Hünärmenleriň pikiriçe, bu ösüş Bagam adalarynyň syýahatçylar üçin özüne çekijiliginden habar berýär.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILER

19-njy aprelde Hindistanda 7 tapgyrda geçiriljek parlament saýlawlary başlanar. Bu barada ýurduň saýlaw komissiýasynyň başlygy Rajiw Kumar habar berdi.

«Lok Sabhedäki» (parlamentiň aşaky palatasy) 543 orun üçin ählumumy saýlawlar 19-njy aprelde başlanyp, onuň netijeleri 4-nji iýunda mälim ediler» diýip, Rajiw Kumar Nýu-Delide geçirilen metbugat maslahatynda aýtdy.

Hindistanyň Saýlaw toparynyň başlygynyň habar berşi ýaly, parlament saýlawlaryna, takmynan, 970 million saýlawçy ses bermäge gatnaşyp biler. Bu syýasy çäre dünýäniň iň uly saýlawy hasaplanýar. «85 ýaşdan ulular, maýyplar we syrkawlar öýlerinde ses berip bilerler. Galanlary saýlaw uçastoklaryna barmaly bolarlar» diýip, Kumar belledi. Saýlaw topary «saýlawlaryň ahlak kadalarynyň» berjaý edilişine gözegçilik etmek üçin 2 müňden gowrak synçyny işe çekdi.

Hindistan 1947-nji ýylda garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, ýurtda jemi 17 sany ählumumy saýlawlar geçirildi. Sebitdäki kanun çykaryjy ýygnaklaryň, takmynan, 400 saýlawy geçirildi. Hindistanda 2019-njy ýylda geçirilen soňky umumy saýlawlar adamzat taryhynda iň uly saýlawlar diýlip ykrar edilip, oňa 600 milliondan gowrak saýlawçy gatnaşdy.

Şeýle-de, soňky bäş ýylda ýurduň ilaty 1,4 milliard adama ýetip, Hindistan dünýäniň iň köp ilatly ýurduna öwrüldi. Şonuň üçin ýetip gelýän saýlawlaryň öňki saýlawlaryň rekordyny täzelemegine garaşylýar. Saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, ses berişlik üçin 1 milliondan gowrak saýlaw uçastogy döredildi.

Öňde boljak ses berişlikde öňdebaryjylaryň arasynda dolandyryjy «Bharatiýa Janata partiýasy» (BHJ, Hindi halk partiýasy) bolup, onuň Lideri, häzirki Premýer-ministr Narendra Modi üçünji möhlete



dalaşgär bolmak isleýär. Onuň bilen I.N.D.I.A. (Indian National Developmental Inclusive Alliance), «Hindi milli ösüş inklýuziw bileleşigi» bäsleşmekçi. Bu bileleşik 28 umumy milli we sebit partiýasyny birleşdirýär, emma ondaky esasy güýç Hindi Milli Kongresi (INC) partiýasydyr. Bu partiýa ýurtdaky iň köne syýasy güýç bolup, onuň wekilleri – Jawaharlal Neru, Indira Gandi, Lal Bahadur Şastri, Rajiw Gandi, Narasimha Rao ýurduň garaşsyz taryhynyň köp ýyllarynda Hindistany dolandyrdylar. Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda INC öňki meşhurlygyny ýitirdi, ýöne häzirki wagtda abraýyny dikeltmek üçin işjeň göreşýär.

# ABŞ nebit çykarmakda öňde barýar

ABŞ-nyň Energetika ministrliginiň Energetika maglumatlary edarasynyň (EIA) maglumatlaryna görä, ABŞ-da nebitiň çykarylyşy alty ýyl bäri ähli ýurtlaryň önümçilik derejesinden ýokary boldy.

«ABŞ-da nebitiň çykarylyşy, kondensaty hem goşmak bilen, 2023-nji ýylda her gün ortaça 12,9 million barrel bolup, 2019-njy ýylda goýlan her gün 12,3 million barrel derejedäki ABŞ-nyň we dünýäniň öňki rekordyny täzeledi. Esasan-da, ABŞ-da nebitiň aýda ortaça çykarylyşy 2023-nji ýylyň dekabr aýynda bir günde 13,3 million barrelden gowrak bolup, rekord derejä ýetdi» diýlip maglumatlarda bellenilýär.

«ABŞ-nyň nebit önümçiliginiň rekordyny ýakyn wagtda hiç kim täzeläp bilmese gerek, sebäbi beýleki ýurtlaryň hiç biri her gün 13 million barrel derejede önümçilik kuwwatyna ýetmedi» diýip, EIA hasaplaýar.

«2023-nji ýylda ABŞ, Russiýa we Saud Arabystany bilelikde dünýäde nebitiň çykarylyşynyň 40 göterimini (her gün 32,8 million barrel) emele getirdi. Bu üç ýurt 1971-nji ýyldan bäri



beýleki islendik ýurtdan has köp nebit öndürýär» diýip, ABŞ-nyň Energetika ministrligi belleýär. Deňeşdirmek üçin, beýleki üç uly nebit öndürijisi – Kanada, Yrak we Hytaý bilelikde 2023-nji ýylda her gün 13,1 million barrel nebit çykardylar.

# Düzgünleşdirmek hakynda kanun

**Ýewropa Bileleşiginde emeli aňyň ulanylyşyny düzgünleşdirmek hakynda dünýäde ilkinji kanun kabul edildi. Kanunyň düzgünleri emeli aňyň ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny kepillendirmekden, şeýle-de raýatlaryň esasy hukuklarynyň berjaý edilmegini üpjün etmekden ybarat.**



**Kabul edilen kanuna laýyklykda, emeli aňyň esasyndaky ulgamlary dört sany «töwekgelçilik kategoriýasyna» böldüler. Her bir topar üçin çäklendirmeler we gözegçilik çäreleri girizildi. Mysal üçin, ulgamy işläp düzüjiler neýroulgam tarapyndan döredilen tekstleri, sesleri we şekilleri nyşanlamalydyr.**

**«Ýokary töwekgelçilikli» programmalar üçin has berk düzgünler girizildi. Olaryň arasynda şahslaryň ýüzlerini demir ýol menzillerinde we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde anyklamak ýaly programmalar hem bar. Geljekde bu tehnologiýalary ulanmak üçin ýokary kazyýetiň karary hem gerek bolar.**

# 70 GÖTERIMI ŞÄHERLERDE ÝAŞAR

BMG-niň maglumatlaryna görä, 2050-nji ýyla çenli global şäherleşmegiň ösüş derejesi 70 göterime ýeter. Deňeşdirmek üçin häzirki wagtda dünýä ilatynyň 55 göterim töweregi şäherlerde ýaşaýar. Dünýäde 10 milliondan gowrak ilatly şäherler peýda bolup, häzirki wagtda şeýle şäherleriň 33-si bar. 1990-njy ýylda bolsa bary-ýogy 10 şäher bardy. Tokio, Nýu-Deli we Şanhaý iň gür ilatly şäherlerdir. Dünýäde her ýyl müňlerçe adam oba ýerlerinden şäherlere göçüp barýar. Şeýdip megapolisler emele gelýär. Dünýäniň iň uly şäheri Tokio hasaplanyp, bu ýerde şäherýaka ilaty goşanyňda 37 milliondan gowrak adam ýaşaýar.

Şäher ýurduň iň möhüm maliýe, söwda we ýokary tehnologiýaly merkezi hasaplanýar. Ýöne ýokary depginli urbanizasiýa daşky gurşawa ýaramaz täsirini ýetirýär. Şäherleriň ösmegi bilen birlikde senagat hem ösüp, zawodlaryň sany barha artýar. Ýangyjyň ulanylmagy netijesinde, her ýylda 60 million tonnadan gowrak uglerod howa goýberilip, hapalanan howa sebäpli ilatyň saglygyna düýpli zeper ýetýär.

– Durnukly ösüşi, parahatçylygy we howpsuzlygy gazanmakda şäherleriň we urbanizasiýanyň möhüm ähmiýetini hemmämiz gowy bilýäris. Häzirki wagtda ilatyň köpüsi şäher ýerlerinde ýaşaýar. 2050-nji ýyla çenli 6 milliard adam şäherli bolar. Hut şäherlerde durnukly ösüş ugrunda tagalla



ediler – diýip, BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Amina Jeýn Mohammed belledi.

Dünýäde her ýyl, takmynan, 180 müň adam şäherlere göçýär. Gökdiränleriň gurulýan ýerleri – Aziýadaky we Ýewropadaky köp megapolislerden tapawutlylykda, Afrikada şäherler ulalýar. Netijede, Afrikada 2050-nji ýyla çenli ilatyň epesli artmagy çak edilýär. Umuman alanyňda, şäherlileriň sany 2,5 milliard adama ýetip biler. Onuň üçden biri Nigeriýa, Efiopiýa we Müsür ýaly ýurtlaryň paýyna düşýär.

# ITALIÝADA IŇ ULY SUWASTY ÖTÜK GURLAR

**Italiýa Günbatar Genuýany Gündogar Genuýa bilen birleşdirjek Ýewropanyň iň uly suwasty ötügini gurmakçy. Ötügiň işe girizilmegi Genuýa şäherini ekologiýa taýdan has durnukly eder.**

**Şeýle geçelgäniň gurluşygy port şäheriň, şeýle hem ulag ulgamynyň durkunyň doly täzelenmeginiň başlangyjydyr. Italiýanyň hökümetiniň maglumatlaryna görä, uzynlygy 3,4 kilometre barabar bolan ötük 45 metr çuňlukda gurlar. Onuň diametri, takmynan, 16 metr bolup, dünýäde ululygy boýunça dördünji uly geçelge bolar. Ötügiň gurluşygy üçin bir milliard ýewro bölünip berler we taslamanyň jogapkärleriniň pikiriçe, gurluşyk işleri 2029-njy ýylda tamamlanar.**

**Ötügiň gurluşygy 5 müňden gowrak täze iş ýerini döreder we onuň işe girizilmegi raýatlara wagty tygşytlamaga we daşky gurşawa ýaramaz täsiri azaltmaga mümkinçilik berer. Bu ýol ulaglaryndan kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaltmak arkaly mümkin bolar.**

**Häzirki wagtda dünýäniň iň uzyn ýerasty ötügi Norwegiýanyň suwasty ýol geçelgesi Ryfylketunnelen bolup, uzynlygy 14,4 kilometre barabardyr.**



# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Emeli aň adamdan akylly bolar.** Amerikaly milliarder, işewür Ilon Mask emeli aňyň (EA) 2029-njy ýylda tutuş adamzatdan akylly boljakdygyny çaklaýar. Geçen ýylyň ahyrynda Ilon Mask emeli aň tehnologiýasynyň ösüş tizliginden alada bildirip, onuň hem peýdaly, hem zyýanly bolup biljekdigini nygtapdy.



► **Çaklamalar çapraz geldi.** OPEK guramasynyň we Halkara energetika agentliginiň (HEA) nebite bolan global isleg baradaky çaklamalary rekord derejede çapraz geldi. Bu barada «Reuters» agentligi ýazýar. HEA-nyň çaklamalaryna görä, 2024-nji ýylda nebite bolan isleg her gün 1,22 million barrel ýokarlanar, OPEK bolsa, ösüşi her gün 2,25 million barrel diýip çaklaýar.



► **Alpinistleriň sany artar.** Nepalyň häkimiýetleri, geljek möwsümde Ewereste çykmaga synanyşjak alpinistleriň rekord sanyna garaşýar. Bu barada ýurduň syýahatçylyk edarasynyň müdiri Rakeş Gurung aýtdy. Şeýle-de ol alpinistlere çip dakynmagyň hökmany edilendigini, munuň gözleg we halas ediş işlerini aňsatlaşdyrýandygyny habar berdi.



► **Onlarça gadymy gämi tapyldy.** Gresiýanyň Milli barlag gaznasynyň topary Kasos adasynyň töweregindäki suwlarda gark bolan onlarça gämini tapdylar. Gämiler taryhdan öňki, klassik, ellin, rim we wizantiýa ýaly birnäçe taryhy döwürlere degişli bolup çykdy. Söwda gämileri Afrikadan, Kiçi Aziýadan, Italiýadan we Ispaniýadan haryt daşapdyr.



► **Banan gymmatlap biler.** Bananyň dünýädäki bahasy howanyň üýtgemegi bilen baglylykda, ýakyn ýyllarda gymmatlar. Bu barada BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň hünärmeni Paskal Liu habar berdi. – Ählumumy maýlama käbir ýerlerde banan hasylyna zeper ýetirip biler, sebäbi bu miwe howanyň derejesine duýgurdyr – diýip, Liu belleýär.



► **«Xiaomi»-niň ilkinji elektroulagy.** Hytaýyň smartfon we durmuş tehnikasyny öndüriji «Xiaomi» kompaniýasy ilkinji elektroulagynyň söwdasyna başlaýandygyny habar berdi. SU7 kysymly täze sedan ulagyň tanyşdyrylyşy 28-nji marta meýilleşdirildi. Elektrik ulaglaryna deslapky sargytlar Hytaýyň 29 şäherinde kabul ediler.



► **Emeli aňa maýa goýar.** Hindistan ýurtda emeli aňy ösdürmegi maksat edinýän «IndiaAI» hökümet başlangyjyny işe girizýär. Bu maksat üçin, takmynan, 1,24 milliard dollar bölünip berler. Bu başlangyjyň çäklerinde azyndan 10 müň GPU-ly superkompýuter, şeýle hem «IndiaAI» innowasiýa merkezi dörediler.



► **Irkilmek üçin el ýassygy.** Ýaponlar ofis üçin niýetlenen el ýassygyny hödürlediler. Bu täze önüm edara işgärlerine iş ýerinde rahat irkilmäge ýardam edýär. Ýaponiýada işgäriň iş ýerinde irkilmegi adaty ýagdaý ýaly kabul edilip, önjeýli işlemäge ýardam berýär diýlip hasap edilýär.



► **Täze görnüşleri tapyldy.** Täze Zelandiýanyň kenarlarynda deňiz jandarlarynyň 100-e golaý täze görnüşi tapyldy. Bilermenler Ýuwaş ummanynyň günortasyndaky Baunti adasynyň suwlaryny öwrendiler. Täze tapylan jandarlaryň arasynda 5 müň metr çuňlukda ýaşaýan onlarça mollýusklar, balyklaryň 3 görnüşi we deňiz merjenleri bar.



► **Umumy orta bilim 12 ýyl bolar.** Gyrgyzystanda orta bilimiň 12 ýyl boljakdygy mälim edildi. Bu barada ýurduň Prezidentiniň administrasiýasy habar berdi. Geçiş tapgyrlaýyn amala aşyrylar. Şeýle-de, okuwçylaryň bilim maksatnamasy täzelener. «Bilimiň 12 ýyllyk nusgasy has ýokary hili bilen tapawutlanar» diýip, administrasiýada bellediler.



# TARYHDA ŞU GÜN

**Birleşen Milletler Guramasy 2012-nji ýylda 20-nji marty Halkara Bagt güni diýip yglan etdi. Bu baýram dünýädäki adamlaryň durmuşynda bagtyň ähmiýetine ünsi çekmegi maksat edinýär. BMG garyplygy ýok etmek, planetany goramak we deňsizligi azaltmak üçin durnukly ösüş maksatnamasyny kabul etdi. Bu şertler bagt we abadançylyk gazanmak üçin zerurdyr.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

## 21-nji mart –

# HALKARA NOWRUZ GÜNI

**Ýaz paslynyň gelmegi bilen bellenilýän iň naýbaşy baýramlaryň biri hem Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüdir. Şol gün demirgazyk ýarym şarda bahar paslynyň ilkinji güni başlanýar. Nowruz gününiň dabarasy Aziýadan başlap, Günorta-Gündogar Ýewropa, Kawkaz we Ural dag gerişlerine çenli uzaýar. Nowruz güni 3 müň ýyldan gowrak wagt bäri Gündogar halklary tarapyndan bellenilip gelinýän iň gadymy baýramlaryň biri bolup, durmuş bilen tebigatyň aýrylmaz sazlaşygyny, täzelenişi hem-de tebigatyň gaýtadan janlanyşyny aňladýar.**



**Nowruz güni birek-birege hormat goýmak, parahatçylyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmek esasynda bellenilip geçilýär. «Täze gün» diýmegi aňladýan Nowruz baýramçylygynda milli tagamlar taýýarlanylyp, köpçülige hödür-kerem edilýär. Esasan hem, bahar baýramynda ene-mamalardyr gyz-gelinler üýşüp, däp bolan baýramçylyk tagamyny – semeni taýýarlaýarlar. Semeni bişirilende doga-dilegler edilip, geljek ýylyň bereketli, hasylly, jan saglykly we agzybirlikli ýyl bolmagy arzuw edilýär. Bugdaý dänesiniň şinesinden taýýarlanýan bu tagamy bişirmek we datmak sogap hasaplanýar. Nowruzda täze egin-eşikleri geýmek hem, täze ýylyň şowly bolmagyny aňladýan ynançlaryň biri bolup, maşgala agzalary biri-birine geýim-gejimleri sowgat edýärler. Gündogar halklarynyň käbirinde baýramçylyk güni gyzyl reňkli egin-eşikleri geýip, tans etmek we aýdym aýtmak dessurlary bar. Käbir halkda çemçe-çanakly goňşularyňa aýlanmak, otdan bökmek we sallançakda uçmak ýaly däpler hem bar.**

**Ynsanlary birek-birege ýakynlaşdyrmakdaky, halklary ynsanperwerlik we raýdaşlyk ýörelgeleri esasynda jebisleşdirmekdäki orny göz öňünde tutulyp, 2009-njy ýylda Nowruz baýramynyň geçiriliş däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. 2010-njy ýylda bolsa, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde 21-nji marty «Halkara Nowruz güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Munuň özi Nowruz baýramynyň adamzat gymmatlygy hökmünde ähmiýetini has-da artdyrdy.**

**Birleşen Milletler Guramasynyň guramagynda, şeýle hem dürli ýurtlarda Halkara Nowruz gününe bagyşlanyp dürli medeni çäreler geçirilýär. Tagam taýýarlamak, çarwalaryň at üstündäki ýaryşlary, mergençilik ussatlygy, göreş tutmak, at çapdyrmak ýaly dürli ýaryşlar baýramçylyk gününiň joşgunyny artdyrýar. Maslahatlardyr konferensiýalarda Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň medeni mirasy, onuň gadymylygy barada çykyşlar diňlenilýär. Milli däp-dessurlaryň, medeni gymmatlyklaryň dürli nusgalaryna bagyşlanan sergiler guralýar. Nowruz baýramy köp milletleriň, şol sanda türkmen halkynyň ýokary ruhy-ahlak gymmatlyklaryny, milli däp-dessurlaryny we edim-gylymlaryny özünde jemleýän naýbaşy baýramlaryň biridir.**

# ALSMER – dünýäniň güller paýtagty

Niderlandlaryň merkezinde ýerleşýän Alsmer şäheri «suwuň üstündäki gül obasy» hökmünde tanalýar. Alsmer dürli görnüşli güllere beslenen dünýäniň romantik ýerleriniň biridir. Paýtagt Amsterdamdan 13 kilometr günorta-günbatarda ýerleşýän Alsmer şäheri irki döwürlerde gurak howaly ekerançylyk merkezi bolupdyr. Ýerasty baýlyklaryň gazylyp alynmagy netijesinde şäherde birnäçe köl emele gelip, wagtyň geçmegi bilen howa şerti üýtgäpdir. Agaç nahallarynyň köpçülikleýin ekilip, baglyk meýdanlaryň köpelmegi bilen gülçülik meýdanlary hem peýda bolup başlaýar. Öňler Alsmeriň ýaşaýjylarynyň käri balykçylyk bolan bolsa, häzirki wagtda esasy işi gülçülik hasaplanýar. Esasan hem, bu şäher 1850-nji ýyllarda gül ösdürip ýetişdirmegi bilen bütin dünýäde tanalýar. XX asyryň başlarynda Alsmer «dünýäniň güller paýtagty» hökmünde ykrar edilýär. Şu ýerde belläp geçsek, Kolumbiýa «dünýäniň güller ýurdy» hasaplanýar. Häzirki wagtda Alsmer şäherinde gülleriň 1 müň 200-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär.

Niderlandlaryň «köl etraby» diýlip hem atlandyrylýan Alsmer şäherinde gül meýdanlary, gül ýyladyşhanalary bilen bir hatarda, «Westeinderplassen» suw güýmenjeleri meýdançasy hem ýerleşýär. Gülleriň şäherine dynç almaga barýanlar kärendesine gaýyk alyp, suwda dynç almak, suwda typmak ýaly güýmenjeler bilen meşgullanyp bilerler. Alsmer şäherinde her ýylyň baharynda geçirilýän gül festiwaly gülleriň hoşboý ysy we älemgoşar reňkleri bilen görenleri haýran galdyrýar. Güller baýramçylygynda «Pramenrace» ýaryşy hem geçirilýär. Güller bilen bezelen gaýyklarda ýüzmek arkaly geçirilýän bu ýaryşa her topar birmeňzeş egin-eşikde gatnaşýar. Gülküli we şadyýan ýagdaýda geçirilýän ýaryşyň dowamynda oýna gatnaşyjylar dürli şertleri ýerine ýetirmeli bolýarlar.





«Royal Flora Holland» atly auksion meýdançasy şäherde baryp görmeli ýerleriň biri hasaplanýar. Dünýädäki iň uly gül bazary bolan auksion meýdançasynda myhmanlara müňlerçe görnüşli gül hödürlenýär. Dörtburç sebetlere ýerleşdirilen gyrkylan güller ilki arabalara ýüklenýär. Soňra kiçiräk traktorlar yzly-yzyna tirkelen gülli arabalary çekip, myhmanlaryň öňünden hatar gurap geçýärler. Bu ýer gülüň iň gyzgalaňly söwda merkezleriniň biri hasaplanýar. 1910-njy ýyllarda peýda bolan «Royal Flora Holland» auksion bazary 200 futbol meýdançasynyň ululygyna, ýagny 775 müň inedördül metre barabar bolup, her ýyl 1,7 milliarddan gowrak gül satylýar. Auksionda dünýäniň 40-dan gowrak ýurdundan 2 müň 600-e golaý adam işleýär. Auksionda her gün 43 million gül, müňlerçe ösümlik görnüşi satylýar. Çigildem, hrizantema we liliýa iň geçginli güller hasaplanýar. Auksion meýdançasynyň ululygy sebäpli gülleriň binanyň o çetinden bu çetine gelmegi üçin 45 minut gerek bolýar. Alyjylara we syýahatçylara auksion binasyny aýlanyp görmek üçin kärendesine welosiped berilýär. Binada gülleri ter saklamak üçin çyglandyrma we howalandyrma işlerinde tehnologiýanyň ösen häzirki zaman görnüşlerinden peýdalanylýar. Umuman alanyňda, Alsmer şäheri fransuz tagamlaryny, golland güllerini we gülli meýdanlarda gezelenç etmegi halaýanlar üçin syýahat etmek maslahat berilýän özüne çekiji ýerleriň biridir.

# Agyz beklenende üns berilmeli zatlar

**Remezan aýy musulman dünýäsinde mübärek aýlaryň biri hasaplanýar. Çagajyklaryň «Ýa, Remezan!» diýip, bu nurana aýyň ýetip gelendigini buşlamagy bilen olara söýünji berilýär, ýagşy arzuw-umytlar edilýär. Bu aýda agyz beklenip, agzaçar sadakasy berilýär. Oraza tutulanda uzak günüň dowamynda bedeniň deňagramly işlemegi we iýmit zerurlygyny dogry kanagatlandyrmagy üçin selälikde we agzaçarda iýmitleniş kadalaryna üns bermeli.**



☑ Nahar bişirilende, esasan hem, gaýnatmak we buglamak usullaryny peýdalanmaly. Gaýnadylan we buglanan nahar bedene agram salmazdan tiz özleşip, gowrulan hem-de köze daglanan iýmitlere görä çalt siňýär. Orazada gowrulan, kakadylan we tiz tagamlary iýmekden gaça durmaly.

☑ Agzaçarda nahary az-azdan haýaljakdan iýmeli. Howlugyp, birbada köp iýmekden saklanmaly. Esasan hem, iýmiti gowy çeýnemäge üns bermeli.

☑ Agzaçarda süýt önümlerini hem-de dürli miweleri iýmäge hem üns bermeli. Şekerli şerbetleriň we ýagly desertleriň deregine süýt önümlerinden taýýarlanan içimliklerdir süýjülikler kabul etmeli. Şeýle hem nahardan soň köpräk gök önüm we miwe iýmäge çalyşmaly. Mümkin boldugyça hurma, badam, hoz ýaly gury ir-iýmişleri iýmeli.

☑ Selälikde ýagsyz et, peýnir, pomidor, zeýtun we ýumurtga ýaly iýmitleri iýmek uzak wagtlap bedeni zerur bolan energiýa bilen üpjün edýär. Muňa gök önümlerden taýýarlanan çorbalary we işdäaçarlary hem goşup bilersiňiz.

☑ Agzaçar bilen seläligiň aralygynda arassa suw, miwe şerbetlerini we ösümlik çaýlaryny köpräk içmeli. Gazly içimliklerden gaça durmaly. Şeýle hem agzaçardan soň ýörelende ýanyň bilen suw almagy hem ýatdan çykarmaly däl.

☑ Agzaçardan soň gyşarmak ýa-da dynç almak maksady bilen ýatmak beden üçin zyýanlydyr. Agyz açylyp, naharlanylyp, bir sagat çemesi wagt geçenden soň 1-2 sagat haýal ýöremek iýmit siňdirişe kömek edýär.

## 12-nji SKANWORD



**Eziz NURMYRADOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 18-nji KROSSWORD



**Bibijan JUMAÝEWA,** *Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Meýdança milli ýygyndylar çykar



Futbol boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndysy 2026-njy ýylda guraljak Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäginde nobatdaky 2 duşuşygyny geçirer. 2 duşuşyk hem yklymyň öňdebaryjy ýygyndylaryndan Eýranyň milli topary bilen bolar. 1-nji duşuşyk 21-nji martda myhmançylykda Tährandaky «Azadi» stadionynda (21:00), 2-nji duşuşyk 26-njy martda paýtagtymyzdaky köp ugurly «Aşgabat» stadionynda geçiriler (20:00). Beýleki toparçalarda-da Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň nobatdaky duşuşyklary oýnalar.

Şeýle-de, milli ýygyndylaryň duşuşyk geçirýän şu döwründe EURO 2024-e gatnaşjak soňky 3 ýygyndy hem belli bolar. 21-nji martda 3 geçelgede ýarym final duşuşyklary oýnalar. 26-njy martda bolsa her geçelgäniň finaly bolup, ýeňiş gazanan 3 ýygyndy EURO 2024-e gatnaşar.

Şol bir wagtyň özünde Ýewropanyň, Günorta Amerikanyň, Afrikanyň ýygyndylary özara ýoldaşlyk duşuşyklaryny geçirerler.

## UEFA-nyň ýaryşlarynda çärýek finalyň bijeleri çekildi

**UEFA-nyň 3 sany klub ýaryşynda hem çärýekdir ýarym finalyň bijeleri çekildi. Geçen ýylyň tomsunda saýlama tapgyrynyň duşuşyklary bilen başlanan ýaryşlarda möwsüm tamamlanyp barýar. Toparçalaýyn tapgyrda 35 ýurtdan 96 klub çykyş edip, şolaryň 24-si çärýek finala çykdy. Şol 24 klub 10 ýurda wekilçilik edýär. Çärýek finala çykan 24 klubuň 5-si iňlis klublarydyr. «Premier Liga» UEFA-nyň ýaryşlaryna 8 topar ugradypdy. Häzirki wagtda Çempionlar Ligasynda 2, Ýewropa Ligasynda 2, Konferensiýa Ligasynda-da 1 iňlis kluby ýaryşy dowam edýär. Çempionlar Ligasynda ýeke kluby hem galmadyk italýanlaryň 4 kluby çärýek finala çykyp, olaryň 3-si Ýewropa Ligasynda çykyş edýär.**

**Ispanlaryň 3 kluby (3-si hem Çempionlar Ligasynda), her ýaryşda 1 kluby galan Fransiýanyň, şol sanda Germaniýanyň hem 3 topary çärýek finalda oýnar. Gresiýanyň 2 kluby bolup, olaryň ikisi hem UEFA-nyň 3-nji derejeli bäsleşigine wekilçilik edýär. Portugaliýanyň, Belgiýanyň, Çehiýanyň hem-de Türkiýäniň 1 kluby çärýek finala çykdy.**



UEFA Çempionlar Ligasynda çekilen çärýek final bijelerinden soň janköýerlere biri-birinden gyzykly bolar diýlip çaklanylýan duşuşyklar garaşýar. Soňky 3 ýylda 3-nji gezek gabatlaşjak soňky 2 ýylyň çempiony «Mançester Siti» bilen «Real Madrid» çärýek finalda duşuşarlar. Iki topar mundan öň 10 gezek duşuşyp, «Mançester Siti» 4, «Real» 3 sapar ýeňiş gazandy. 4 oýun deňlikde tamamlanyp, gollarda 17–14 ispan kluby öňde barýar.

Tapgyryň ýene bir ünsi çekýän bijesinde PSŽ bilen







«Barselona» duşuşar. Öňümizdäki 2 duşuşyk olaryň özara 14–15-nji duşuşyklary bolar. Mundan öňki 13 oýnuň käbiri ýatdan çykmajak duşuşyklar bolup, «Barselona» 5, PSŽ 4 gezek ýeňiş gazanypdy. 4 duşuşyk hem deňlikde tamamlanyp, katalonlaryň 24 goluna parižliler 21 gol bilen jogap berdi.

Mundan öň telim gezek duşuşan «Arsenal» bilen «Bawariýanyň» arasyndaky duşuşyk hem janköýerleriň esasy üns merkezinde bolar. Mundan öňki oýunlarda «Bawariýa» güýçli garşydaşyny käbir duşuşyklarda uly hasaplar bilen ýeňipdi. Iki topar 13–14-nji duşuşyklaryny geçirerler. «Bawariýa» 7, «Arsenal» 3 gezek ýeňiş gazanyp, 2 oýunda ýeňiş gazanan bolmandy. Gollarda «Bawariýa» 27–13 öňde barýar.

Tapgyryň beýleki 3-sine garanyňda az-owlak pesräk hasaplanýan bijesinde «Atletiko Madrid» bilen «Borussiýa Dortmund» toparlary duşuşarlar. Iki klub şu wagta çenli UEFA-nyň ýaryşlarynda 6 gezek gabatlaşdylar. Şolarda nemes kluby 3, ispan topary-da 2 gezek ýeňiş gazandy.

Çärýek finalyň duşuşyklary 9–10-njy aprelde, jogap oýunlary-da 16–17-nji aprelde geçiriler.

Ýarym finalda-da «Arsenal» — «Bawariýa» duşuşygynyň ýeňijisi «Real Madrid» — «Mançester Siti» duşuşygynyň ýeňijisi bilen duşuşar. PSŽ bilen «Barselonanyň» arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň garşydaşy-da «Atletiko» ýa-da «Borussiýa» bolar.

Ýarym finalyň oýunlary 30-njy aprelde we 1-nji maýda hem-de 7–8-nji maýda geçiriler. Final duşuşygy 1-nji iýunda Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalar.

**Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň duşuşyklary (9–10-njy aprel — 16–17-nji aprel):**

«Arsenal»—«Bawariýa», «Real Madrid»—«Mançester Siti», «Pari Sen-Žermen»—«Barselona», «Atletiko Madrid»—«Borussiýa Dortmund»

**Ýarym finalyň duşuşyklary (30-njy aprel–1-nji maý — 7–8-nji maý):**

«Atletiko»/«Borussiýa D»—PSŽ/«Barselona», «Arsenal»/«Bawariýa»—«Real Madrid»/«Mançester Siti»

**«Milan» «Roma» bilen, «Liwerpul» «Atalanta» bilen bije çekişdi**

● UEFA Ýewropa Ligasynda-da çärýekdir ýarym finalyň bijeleri çekildi. Çärýek finalda 2 italýan kluby «Milan» bilen «Roma» bije çekişdi. Ýaryşdaky 3-nji italýan kluby «Atalantanyň» bijesine-de esasy faworit «Liwerpul» düşdi. Çempionlar Ligasyndaky ýaly nemes we iňlis klublary-da Ýewropa Ligasynda-da bije çekişip, «Baýer» topary «West Ham» bilen ýarym finala çykmak üçin duşuşar. Çärýek finalyň soňky duşuşygynda-da «Benfika» bilen «Marsel» özara güýç synanyşar.

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden, Unaý Emeriniň tälim berýän «Aston Willa» topary Fransiýanyň «Lill» kluby bilen bije çekişdi. Geçen ýylyň finalçysy «Fiorentinanyň» bijesine-de çehleriň «Wiktoriýa Plzen» topary düşdi.

Ýewropa Ligasynda-da, Konferensiýa Ligasynda-da çärýek finalyň duşuşyklary 11-nji hem-de 19-njy aprelde geçiriler. Ýarym finalyň duşuşyklary-da 2-nji we 9-njy maýda oýnalar. Ýewropa Ligasynyň final duşuşygy 22-nji maýda Irlandiýanyň paýtagty Dublindäki «Awiwa» stadionynda, Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň finaly-da 29-njy maýda Gresiýanyň paýtagty Afinydaky «Aýa-Sofiýa» ýa-da «AEK Arena» hem diýilýän stadionynda geçiriler.

**Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň duşuşyklary:**
«Milan»—«Roma», «Liwerpul»—«Atalanta»,
«Baýer»—«West Ham», «Benfika»—«Marsel»

**Ýewropa Ligasynda ýarym finalyň duşuşyklary:**
«Benfika»/«Marsel»—«Liwerpul»/«Atalanta»,
«Milan»/«Roma»—«Baýer»/«West Ham»

**Konferensiýa Ligasynda çärýek finalyň duşuşyklary:**
«K. Brýugge»—PAOK, «Olimpiakos»—«Fenerbahçe»,
«Aston Willa»—«Lill», «Wiktoriýa Plzen»—«Fiorentina»

**Konferensiýa Ligasynda ýarym finalyň duşuşyklary:**
«Aston Willa»/«Lill»—«Olimpiakos»/«Fenerbahçe»,
«Wiktoriýa Plzen»/«Fiorentina»—«K. Brýugge»/PAOK

## «Baýer» soňky minutlarda ýeňşini baýram etdi



UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalda tapgyryň iň özboluşly duşuşygy «Baýer» bilen «Garabagyň» arasyndaky duşuşyklar boldy. Toparçalarda-da gabatlaşan 2 klubuň 1/8 finaldaky oýunlary diýseň çekeleşikli geçdi. Bir hepde öň Azerbaýjanda 90-njy minutdan soň Patrik Şikiň goly bilen hasaby deňläp, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdiren «Baýer» öz meýdançasynda-da oýnuň ahyrlarynda ýeňiş gazandy. «Garabag» topary jogap duşuşygynda Zubiriň 58-nji hem-de Juninionyň 67-nji minutlarynda geçiren gollary bilen 2–0 öňe saýlandy. Ýöne 63-nji minutda Elwin Jafarkuliýewiň alan gyzyl karty myhmanlary kyn ýagdaýa saldy. 72-nji minutda Frimpong tapawutlanyp, aratapawudy 1 gola düşürdi. Oýnuň 90+3-nji minutynda ýene-de Patrik Şik hasaby deňläp, ol 90+8-nji minutda «Baýere» hem ýeňiş getirdi, hem-de toparyň ýeňlişsiz derejesini goramagyna sebäp boldy. Şunlukda, 5–4 hasabynda ýeňiş gazanan «Baýer» çärýek finala çykdy. «Liwerpul» öz meýdançasynda «Spartany» 6–1, umumylykda-da 11-2 hasabynda utdy.

**Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň jogap oýunlarynyň netijeleri: «Liwerpul»—«Sparta Praga»: 6–1 (5–1)** /Nuňýes 7, Klark 8, Salah 10, Gakpo 14, 55, Saboslai 48 — Birmançewiç 42/, **«Wilýarreal»—«Marsel»: 3–1 (0–4)** /Kapue 32, Serlot 54, Moskuera 86 — Klauss 90+4/, **«Braýton»—«Roma»: 1–0 (0-4)** /Welbek 37/, **«Reýnjers»—«Benfika»: 0–1 (2–2)** /Rafa Silwa 66/, **«West Ham»—«Fraýburg»: 5–0 (1–1)** /Paketa 9, Bowen 32, Krosswell 52, Kudus 77, 85/, **«Atalanta»—«Sporting»: 2–1 (1–1)** /Lukman 46, Skamakka 59 — Gonsalwes 33/, **«Slawiýa Praga»—«Milan»: 1–3 (2–4)** /Ýuraşek 84 — Pulişiç 33, Loftus-Çik 36, Rafael Leao 45+6/, **«Baýer»—«Garabag»: 3–2 (2–2)** /Frimpong 72, Şik 90+3, 90+8 — Zubir 58, Juninio 67/

## Bir sözlemde




› «Monuments» 1 günlük welosiped ýol bäsleşikleriniň möwsümdäki ilkinji ýaryşy Milan — San Remo bäsleşiginde «Alpecin–Deceuninck» toparynyň belgiýaly türgeni Ýesper Filipsen ýeňiji bolup, ol ýaryşy 6 sagat 14 minut 44 sekuntda tamamlamagy başardy (awstraliýaly Maýkl Mattýuws 2-nji, słoweniýaly Tadež Pogaçar 3-nji ýeri eýeledi).

› Golf boýunça erkekleriň arasynda ABŞ-nyň Florida ştatynda geçirilen «Players Championship» ýaryşynda amerikaly Skotti Şeffer 268 utuk bilen bassyr 2-nji gezek çempion bolup, 4,5 million dollarlyk pul baýragyny gazandy.

› Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň «Lasio» toparynda wezipesini taşlan Maurisio Sarriniň ornuna soňky sapar «Marsel» toparyny türgenleşdiren horwatiýaly Igor Tudor bellenip, rimliler 45 ýaşly hünärmen bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdylar.

› Maliýe düzgünleri bozandygy sebäpli Angliýanyň «Premier Ligasynda» çykyş edýän «Nottingam Forest» toparynyň 4 utugy aýryldy we topar 17-nji basgançakdan 18-nji orna düşdi (21 utuk).

› Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da «Boston Seltiks» topary pleý-off tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazanan ilkinji topar bolup, olaryň häzirki wagtda 67 oýunda 53 ýeňşi bar.

## Gaýtalanan final oýunlarynda çempionlar üýtgemedi





Tennis boýunça ABŞ-da geçirilen «Indian Wells Masters» ýaryşynda erkekleriň arasynda geçen ýylyň çempiony Karlos Alkaras çempionlygyny goramagy başardy. Zenanlarda bolsa sanawyň 1-nji belgilisi Iga Şwentek 1 ýyllyk arakesmeden soň ýene-de, münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

Erkekleriň arasyndaky finalda geçen ýyl hem duşuşan 2 tennisçi – ispaniýaly Karlos Alkaras bilen russiýaly Daniil Medwedew duşuşdy. 1-nji seti çekeleşikli geçen oýunda Alkaras 7:6 we 6:1 hasaplar bilen bassyr 2-nji ýeňşini baýram etdi. Geçen ýylky finalda-da Alkaras russiýaly tennisçini 6:3 we 6:2 hasaplar bilen utupdy. Alkaras 21 ýaşdan öň 5 gezek «Masters» ýaryşynda çempionlyk gazanyp, bu ugurda Nadaldan öňe saýlandy. Ol umumylykda 13-nji ATP Kubogyny gazandy.

Zenanlaryň arasyndaky finalda-da 2022-nji ýylyň finaly gaýtalanyp, polşaly Iga Şwentek gresiýaly Mariýa Sakkarini 2 setde ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň netijesi hem 2 ýyl öňki finalyň netijesine golaý boldy. Şwentek garşydaşyny bu gezek 6:4 we 6:0 hasaplar bilen ýeňdi. 2022-nji ýyldaky final 6:4 we 6:1 hasaplar bilen Şwentegiň peýdasyna tamamlanypdy. «Masters» ýaryşlaryndaky 10-njy finalynda 8-nji gezek çempion bolup, ol umumylykda 19-njy WTA Kubogyny asmana göterdi.

## Ýarym finalçylar belli boldy

Angliýanyň FA Kubogynda çärýek final duşuşyklary oýnalyp, ýarym finalçylar belli boldy. Geçirilen 4 duşuşykda 20 gol derwezä girizildi.

«Wulwerhempton» öz meýdançasynda 2-nji ligada çykyş edýän



«Kowentri Sitide» 90-njy minutdan soň 2 gol geçirdip, 3–2 hasabynda asgyn geldi (Ait-Nuri 83, Bueno 88 — Simms 53, 90+7, Raýt 90+10). «Kowentri Siti» bu ýaryşda 37 ýyldan soň ýarym finala çykdy.



«Mançester Siti» bolsa öz meýdançasynda «Nýukasly» Bernardo Silwanyň 13-nji we 31-nji minutda geçiren gollary esasynda 2–0 ýeňdi.

Çekeleşikli geçen oýunda «Çelsi» öz meýdançasynda «Lester Sitini» 4–2 hasabynda ýeňdi. Ýeňiş gollaryny 90-njy minutdan soň geçiren «Çelsi» toparynyň adyndan 13-nji minutda Kukurella, 45+1-nji minutda Palmer, 90+2-nji minutda Çukwuemeka hem-de 90+8-nji minutda-da Madueke tapawutlandy.

Tapgyryň iň esasy duşuşygynda «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Liwerpuly» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňiji goşmaça wagtda belli boldy. 10-njy minutda Maktomineýiň goluna «Liwerpul» 44-nji minutda Mak Allisteriň goly bilen jogap berdi. 45+2-nji minutda Mohamed Salahyň golundan soň «Liwerpul» arakesmä 2–1 öňde çykdy. Oýnuň 87-nji minutynda duşuşyga soň giren Antoni hasaby deňledi. 105-nji minutda Elliot «Liwerpuly» täzeden öňe çykardy. Ýöne 112-nji minutda Markus Reşfordyň goly bilen «Ýunaýted» täzeden hasaby deňledi. 120+1-nji minutda-da Amado Diallo ýer eýelerine ýeňiş getiren goly derwezä girizdi. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» köne bäsdeşini 4–3 hasabynda ýeňip, ýarym finala çykdy.

Ýarym finalda «Kowentri Siti» bilen «Mançester Ýunaýted», «Mançester Siti» bilenem «Çelsi» duşuşar. Duşuşyklar 20–21-nji aprelde «Wembley» stadionynda geçiriler.

## Myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňip, öz meýdançasynda 6 gol geçirtdi

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da 1/8 finalyň jogap duşuşyklarynda tapgyryň iň geň galdyryjy netijeleri grek klublaryna degişli boldy. Öz meýdançasynda Ysraýylyň «Makkabi Tel-Awiw» toparyndan 4–1 asgyn gelen «Olimpiakos» jogap oýnunda taryhy kembegi başdan geçirdi. Esasy wagtda 4 gol geçiren «Olimpiakos» goşmaça wagtda-da 2 gol salyp, 6–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. El Kaabiniň 2 gol geçiren oýnunda «Olimpiakos» umumy hasapda 7–5 öňe saýlanyp, çärýek finala çykdy.



Grekleriň başga bir kluby PAOK hem 1-nji oýunda myhmançylykda «Dinamo Zagrebden» 2–0 utulypdy. Ýöne öz meýdançasynda 5–1 hasabynda ýeňiş gazanan PAOK çärýek finala çykdy. Amsterdamda golsuz deňme-deň oýnan «Aston Willa» öz meýdançasynda «Aýaksy» 4–0 hasabynda ýeňdi.

**Konferensiýa Ligasynda 1/8 finalyň jogap oýunlarynyň netijeleri: «Wiktoriýa Plzen»—«Serwett»: 0–0, 3–1 p (0–0), «Aston Willa»—«Aýaks»: 4–0 (0–0)** /Watkins 25, Baýli 60, Duran 75, Diabi 81/, **«Klub Brýugge»—«Molde»: 3–0 (1–2)** /Skow Olsen 45+1, 48, Skoraş 70/, **«Fenerbahçe»—«Ýunion Sent-Žilluaz»: 0–1 (3–0)** / Rasmussen 68/, **PAOK—«Dinamo Zagreb»: 5–1 (0–2)** /Rahman 27, Suçiç 33 ö.d., Tomas 42, Kulierakis 72, Ziwkowiç 88 — Hoksa 49/, **«Lill»—«Şturm Gras»: 1–1 (3–0)** /Santos 43 – Bieret 45+1/, **«Fiorentina»—«Makkabi Haýfa»: 1–1 (4–3)** /Barak 59 — Halaili 88/, **«Makkabi Tel-Awiw»—«Olimpiakos»: 1–6 g.w. (4–1)** /Zahawi 57 p — Podense 10, Fortunis 36, El Kaabi 45+3, 65, Ýowetiç 93, El-Arabi 103/

### LA LIGA (29) — 22 gol

**Real Sosiedad—Kadiz: 2–0** (Merino 28, Zaharýan 68), **Malýorka—Granada: 1–0** (Railio 85), **Osasuna—Real Madrid: 2–4** (Budimir 7, Munios 90+1 — Winisius Junior 4, 64, Karwahal 18, Diaz 61), **Hetafe—Žirona: 1–0** (Santiago 33), **Atletik—Alawes: 2–0** (Guruseta 35, 37), **Sewilýa—Selta: 1–2** (En-Nesiri 18 — Karles Peres 72, Strand Larsen 78), **Wilýarreal—Walensiýa: 1–0** (Kuenka 54), **Las Palmas—Almeriýa: 0–1** (Baptistao 14), **Raýo Wallekano—Betis: 2–0** (Ležen 40, Kamelio 78), **Atletiko Madrid—Barselona: 0–3** (Feliks 38, Lewandowski 47, Fermin Lopes 65)

### SERIE A (29) — 17 gol

**Empoli—Bolonýa: 0–1** (Fabbian 90+4), **Udineze—Torino: 0–2** (Zapata 10, Wlaşiç 53), **Monza—Kaliari: 1–0** (Maldini 42), **Salernitana—Leçe: 0–1** (Dýomber 17 ö.d.), **Frozinone—Lasio: 2–3** (Lirola 13, Şeddira 70 — Zakkani 38, Kastelýanos 57, 62), **Ýuwentus—Jenoa: 0–0, Werona—Milan: 1–3** (Noslin 64 — Hernandes 44, Pulişiç 50, Çukwueze 79), **Roma—Sassuolo: 1–0** (Pellegrini 50), **Inter—Napoli: 1–1** (Darmian 43 — Žuan Žezus 81), **Atalanta—Fiorentina** (soňa goýuldy)

### BUNDESLIGA (26) — 36 gol

**Köln—Leipsig: 1–5** (Adamýan 18 — Simons 15, Openda 63, 67, Aýdara 70, Poulsen 82), **Wolfsburg—Augsburg: 1–3** (Wimmer 9 — Maýer 45+3, Ýakiç 61, 79), **Darmştadt—Bawariýa: 2–5** (Skarke 28, Wilhelmsson 90+5 — Musiala 36, 64, Keýn 45+1, Gnabri 74, Tel 90+3), **Maýns—Bohum: 2–0** (Burkardt 45+3 p, 71), **Union Berlin—Werder: 2–1** (Wertessen 50, Eronson 52 — Waýzer 63), **Haýdenhaým—Borussiýa M: 1–1** (Dinkçi 66 — Hak 9), **Hoffenhaým—Ştutgart: 0–3** (Miýo 16, Girassi 45+1, Leweling 68), **Fraýburg—Baýer: 2–3** (Doan 10, Keýtel 79 — Wirts 2, Gložek 40, Şik 53), **Borussiýa D—Aýntraht: 3–1** (Adeýemi 33, Hummels 81, Jan 90+3 p — Gýotse 13)

### LIGUE 1 (26) — 35 gol

**Tuluza—Lion: 2–3** (Dallinga 53, Sierro 58 p — Lakazett 33, Şerki 77, O'Braýan 81), **Nant—Strasbur: 1–3** (Jömert 36 – Gameýro 3, Emegha 62, 78), **Lans—Nissa: 1–3** (Wai 76 — Moffi 11, 67 p, Turam 53), **Brest—Lill: 1–1** (Satriano 80 — Dewid 67), **Klermon—Le Hawr: 2–1** (Çam 12, 45+4 p — Aýew 45+1), **Monako—Loriýan: 2–2** (Mendi 27 ö.d., Fofana 60 — Singo 1 ö.d., Bakaýoko 90+5), **Reýms—Mets: 2–1** (Diakite 3, Ito 79 – Atta 14), **Renn—Marsel: 2–0** (Terrie 21, Buržo 78 p), **Monpelie—PSŽ: 2–6** (Norden 30, Sawanie 45+1 p — Witinýa 14, Mbappe 22, 50, 63, Li Kan In 53, Mendeş 89)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 29 | 22 | 6 | 1 | 64-20 | 72 |
| 2 | BARSELONA | 29 | 19 | 7 | 3 | 60-34 | 64 |
| 3 | ŽIRONA | 29 | 19 | 5 | 5 | 59-34 | 62 |
| 4 | ATLETIK B | 29 | 16 | 8 | 5 | 50-26 | 56 |
| 5 | ATLETIKO M | 29 | 17 | 4 | 8 | 54-34 | 55 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 29 | 12 | 10 | 7 | 42-31 | 46 |
| 7 | BETIS | 29 | 10 | 12 | 7 | 34-33 | 42 |
| 8 | WALENSIÝA | 28 | 11 | 7 | 10 | 32-32 | 40 |
| 9 | WILÝARREAL | 29 | 10 | 8 | 11 | 47-51 | 38 |
| 10 | HETAFE | 29 | 9 | 11 | 9 | 37-42 | 38 |
| 11 | LAS PALMAS | 29 | 10 | 7 | 12 | 29-32 | 37 |
| 12 | OSASUNA | 29 | 10 | 6 | 13 | 33-43 | 36 |
| 13 | ALAWES | 29 | 8 | 8 | 13 | 26-35 | 32 |
| 14 | MALÝORKA | 29 | 6 | 12 | 11 | 25-35 | 30 |
| 15 | R. WALLEKANO | 29 | 6 | 11 | 12 | 25-38 | 29 |
| 16 | SEWILÝA | 29 | 6 | 10 | 13 | 36-44 | 28 |
| 17 | SELTA | 29 | 6 | 9 | 14 | 32-44 | 27 |
| 18 | KADIZ | 29 | 3 | 13 | 13 | 20-40 | 22 |
| 19 | GRANADA | 28 | 2 | 8 | 18 | 30-58 | 14 |
| 20 | ALMERIÝA | 29 | 1 | 10 | 18 | 28-57 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 15 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 14 |
| 5 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 29 | 24 | 4 | 1 | 71-14 | 76 |
| 2 | MILAN | 29 | 19 | 5 | 5 | 55-33 | 62 |
| 3 | ÝUWENTUS | 29 | 17 | 8 | 4 | 44-23 | 59 |
| 4 | BOLONÝA | 29 | 15 | 9 | 5 | 42-25 | 54 |
| 5 | ROMA | 29 | 15 | 6 | 8 | 55-35 | 51 |
| 6 | ATALANTA | 28 | 14 | 5 | 9 | 51-32 | 47 |
| 7 | NAPOLI | 29 | 12 | 9 | 8 | 44-33 | 45 |
| 8 | FIORENTINA | 28 | 12 | 7 | 9 | 41-32 | 43 |
| 9 | LASIO | 29 | 13 | 4 | 12 | 36-33 | 43 |
| 10 | MONZA | 29 | 11 | 9 | 9 | 32-36 | 42 |
| 11 | TORINO | 29 | 10 | 11 | 8 | 28-26 | 41 |
| 12 | JENOA | 29 | 8 | 10 | 11 | 31-36 | 34 |
| 13 | LEÇÇE | 29 | 6 | 10 | 13 | 26-45 | 28 |
| 14 | UDINEZE | 29 | 4 | 15 | 10 | 28-44 | 27 |
| 15 | WERONA | 29 | 6 | 8 | 15 | 26-39 | 26 |
| 16 | KALIARI | 29 | 6 | 8 | 15 | 29-50 | 26 |
| 17 | EMPOLI | 29 | 6 | 7 | 16 | 22-43 | 25 |
| 18 | FROZINONE | 29 | 6 | 6 | 17 | 37-60 | 24 |
| 19 | SASSUOLO | 29 | 6 | 5 | 18 | 33-56 | 23 |
| 20 | SALERNITANA | 29 | 2 | 8 | 19 | 23-59 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 15 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 12 |
| 4 | Paulo DIBALA (Roma) | 12 |
| 5 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 11 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 26 | 22 | 4 | 0 | 66-18 | 70 |
| 2 | BAWARIÝA | 26 | 19 | 3 | 4 | 78-31 | 60 |
| 3 | ŞTUTGART | 26 | 18 | 2 | 6 | 60-31 | 56 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 26 | 14 | 8 | 4 | 53-32 | 50 |
| 5 | LEIPSIG | 26 | 15 | 4 | 7 | 60-32 | 49 |
| 6 | AÝNTRAHT | 26 | 10 | 10 | 6 | 42-35 | 40 |
| 7 | AUGSBURG | 26 | 9 | 8 | 9 | 43-42 | 35 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 26 | 9 | 6 | 11 | 44-50 | 33 |
| 9 | FRAÝBURG | 26 | 9 | 6 | 11 | 36-48 | 33 |
| 10 | WERDER | 26 | 8 | 6 | 12 | 35-41 | 30 |
| 11 | HAÝDENHAÝM | 26 | 7 | 8 | 11 | 35-44 | 29 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 26 | 6 | 10 | 10 | 46-50 | 28 |
| 13 | UNION BERLIN | 26 | 8 | 4 | 14 | 25-42 | 28 |
| 14 | WOLFSBURG | 26 | 6 | 7 | 13 | 31-44 | 25 |
| 15 | BOHUM | 26 | 5 | 10 | 11 | 30-54 | 25 |
| 16 | MAÝNS | 26 | 3 | 10 | 13 | 22-46 | 19 |
| 17 | KÖLN | 26 | 3 | 9 | 14 | 20-47 | 18 |
| 18 | DARMŞTADT | 26 | 2 | 7 | 17 | 26-65 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 22 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 19 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 14 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 14 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 26 | 17 | 8 | 1 | 62-23 | 59 |
| 2 | BREST | 26 | 13 | 8 | 5 | 36-20 | 47 |
| 3 | MONAKO | 26 | 13 | 7 | 6 | 47-36 | 46 |
| 4 | LILL | 26 | 11 | 10 | 5 | 37-23 | 43 |
| 5 | NISSA | 26 | 12 | 7 | 7 | 27-20 | 43 |
| 6 | LANS | 26 | 12 | 6 | 8 | 35-27 | 42 |
| 7 | MARSEL | 26 | 10 | 9 | 7 | 40-28 | 39 |
| 8 | RENN | 26 | 10 | 9 | 7 | 40-31 | 39 |
| 9 | REÝMS | 26 | 11 | 5 | 10 | 34-35 | 38 |
| 10 | LION | 26 | 10 | 4 | 12 | 30-40 | 34 |
| 11 | TULUZA | 26 | 7 | 8 | 11 | 29-36 | 29 |
| 12 | STRASBUR | 26 | 7 | 8 | 11 | 28-39 | 29 |
| 13 | LE HAWR | 26 | 6 | 9 | 11 | 26-33 | 27 |
| 14 | MONPELIE | 26 | 6 | 9 | 11 | 31-40 | 26 |
| 15 | LORIÝAN | 26 | 6 | 8 | 12 | 35-49 | 26 |
| 16 | NANT | 26 | 7 | 4 | 15 | 24-41 | 25 |
| 17 | METS | 26 | 6 | 5 | 15 | 23-39 | 23 |
| 18 | KLERMON | 26 | 4 | 8 | 14 | 19-43 | 20 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 24 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 15 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 13 |
| 4 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 12 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |

## Çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» myhmançylykda «Osasunany» Winisius Junioryň (2), Karwahalyň hem-de



Braim Diazyň gollary bilen 4–2 hasabynda ýeňdi. «Hetafeden» myhmançylykda Santiagonyň goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn gelen «Žirona» 3-nji orna düşdi. 29-njy tapgyryň merkezi duşuşygynda «Barselona» myhmançylykda «Atletikony» 3–0 hasabynda ýeňdi. Katalonlara ýeňiş getiren gollary Žoao Feliks, Robert Lewandowski hem-de Fermin Lopes derwezä girizdi. «Atletiko» «La Liganyň» çäginde öz meýdançasynda 25 oýundan bäri ýeňilmän gelýärdi. «Walensiýany» Kuenkanyň 54-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Wilýarreal» çempionatda 9 oýundan bäri utulanok. Geçen hepdede Gaizka Garitanonyň ornuna Pepe Meli tälimçilige bellän «Almeriýa» topary şu möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazanyp, olar myhmançylykda «Las Palmasy» Baptistaonyň 14-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Tälimçisini çalşan başga bir klub «Selta Wigo» hem myhmançylykda «Sewilýany» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



● **Italiýanyň çempionatynda** «Inter» öz meýdançasynda «Napoli» bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Darmianyň 43-nji minutdaky goluna «Napoli» 81-nji minutda Žuan Žezusyň goly bilen jogap berdi. «Inter» 10 oýunlap ýeňiş gazanyp gelýärdi. 2-nji ýerdäki «Milan» myhmançylykda «Weronany» Teo Hernandes, Pulişiç hem-de Çukwuezeniň gollary esasynda 3-1 hasap bilen ýeňdi. Öz meýdançasynda «Jenoa» bilen golsuz deňme-deň oýnan «Ýuwentusa» bassyr 3 oýunda ýeňiş gazanmak başartmady. Turinliler soňky 7 duşuşykda diňe 1 oýunda ýeňiş gazandy. «Roma» öz meýdançasynda «Sassuolony», «Bolonýa» myhmançylykda «Empolini» 1–0 hasaplar bilen utdy.

● **Germaniýanyň çempionatynda** ýeňlişsiz lider «Baýer» 26-njy tapgyrda-da bu derejesini saklamagy başardy. Myhmançylykda «Fraýburgy» Wirts, Gložek hem-de Şikiň gollary bilen 3–2 ýeňen «Baýer» umumylykda 38 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Topar çempionatda 26 oýunda 22-nji ýeňşini gazanyp, öz rekordyny täzeledi. Ýene-de uly hasaply ýeňiş gazanan «Bawariýa» myhmançylykda «Darmştadt» toparyndan 5–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 2 goly Musiala geçirip, 1 gezek tapawutlanan Harri Keýn «Bundesligadaky» 1-nji möwsüminde 31 gol salan ilkinji futbolçy boldy. 3-nji ýerdäki «Ştutgart» myhmançylykda «Hoffenhaýmyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. «Borussiýa Dortmund» hem Gýotseniň goly bilen öňe geçen oýnunda «Aýntrahty» 3–1 hasabynda utdy. Opendanyň 2 gol geçiren duşuşygynda «Leipsig» myhmançylykda «Kölnden» 5-1 hasabynda üstün çykdy.

**Mbappe PSŽ-däki 250-nji goluny geçirdi**



● **Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ yzly-yzyna alnan 3 deňlikden soň myhmançylykda «Monpelieni» 6-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 22-nji, 50-nji we 63-nji minutlarda tapawutlanan Kilian Mbappe het-trik edip, onuň PSŽ-däki gollarynyň sany 250-ä ýetdi. Ol PSŽ bilen «Ligue 1»-de 200-nji duşuşygyny geçirdi. Soňky gezek noýabr aýynda «Milandan» utulan PSŽ ähli ýaryşlary hasaba alanyňda 24 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.

*Milli bahar baýramy - Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!*

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyza «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň owadan bahary geldi. Ajaýyp bahar paslynyň gelmegi bilen tebigatyň gözel görki göwünlere egsilmez joşgun, ruhubelentlik paýlaýar. Gülli-gülälekli baharda Türkmenistanda bellenilýän baýramlaryň biri hem Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we döredijiligiň egsilmez güýjüni özünde jemleýän bahar paslynda uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän bu baýram ruhubelentlige beslenýär. Sizi we halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Her günde ýyllara barabar ýol aşýan halkymyz üçin bu baýramyň çuň manysy bar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirliginiň, çekýän halal zähmetiniň hatyrasyna, goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanda giňden bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan Halkara Nowruz güni adamzadyň umumy baýlygy, ynsanyýetiň medeni mirasydyr. Gözelligiň hem-de joşgunly durmuşyň bu nurana baýramy biziň döwrümizde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi we iň uly baýramlaryň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda halkara baýram hökmünde ykrar edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan kalbynyň tämizligini, döredijilik joşgunyny aňladýan Halkara Nowruz gününi bagtyýar we açykgöwünli halkymyz medeniýetiň, däp-dessurlaryň, ynsanperwerligiň we ýokary ahlaklylygyň sazlaşygyny özünde jemleýän Milli bahar baýramy hökmünde goňşy we doganlyk halklar bilen bilelikde, dürli näz-nygmatly, bereketli türkmen saçagy, milli oýunlary we aýdym-sazlary bilen dabaraly garşy alýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi tebigatyň täzelenmegini, bagtyýarlygy we abadançylygy alamatlandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk hem-de bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we agzybir türkmen halkyny Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden, gyzgyn gutlaýarys!

**Hormatly Prezident!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda beýik özgertmeleriň amala aşyrylýan, uly ösüşleriň gazanylýan ýurdy bolan Türkmenistanda müňýyllyklardan gözbaş alýan däp-dessurlar dikeldilýär, milli baýramlar giňden bellenilýär. Halklarymyzyň asyrlara uzaýan dost-doganlyk gatnaşyklary has-da berkidilýär.

**Hormatly Prezident!**

Sizi ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat berýän bu ajaýyp milli baýram bilen ýene bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglygyny, uzak ömür arzuw edýäris! Il-ýurt bähbitli tutumly işleriňiz hemişe rowaç bolsun!

Goý, türkmeniň bu bahary-da nur-ýagmyrly bolup, bol hasyla beslensin! Gudraty güýçli Beýik Allatagala Sizi öz penasynda aman saklasyn!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO» Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda uly dabara bilen giňden bellenilip geçilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Türkmen halkynyň gadymy döwürden bäri dabaraly belleýän baýramlarynyň biri-de Nowruzdyr. Ata-babalarymyz tarapyndan şatlyk-şowhun bilen bellenilip gelnen Nowruz baýramynyň gerimi häzirki wagtda has-da ýokary.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň mundan beýläk hem bedew bady bilen ösmegini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban halkymyzyň agzybirlikde, asudalykda, bagtyýarlykda ýaşamagy ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň rowaç bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# Milli bahar baýramy - Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ata-babalarymyzyň Nowruza goýýan belent sarpasynyň nyşany bolan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli Sizi we ähli türkmenistanlylary mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Zemine ýaşyl ýaşaýşyň hoşboý ysyny saçyp, dünýäniň ýaşlygy, ynsanyň şatlygy – Nowruz geldi. Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistanda erkana ýaşaýan halkymyzyň bagtyýar durmuşy barha ýokarlanýar. Agzybir raýatlarymyz beýik zamananyň ruhy joşguny bilen toýuny toýlaýar, baýramlaryny uly dabara besleýär. Bizem şu baýramçylyk mynasybetli özümiziň iň gowy arzuwlarymyzy Size we agzybir halkymyza ýollaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Öz halkyny ajaýyp durmuşyň gujagyna atarýan **döwlet Baştutanymyz,** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolup, halkymyzyň eşretli ertiri üçin tutýan tutumlaryňyzyň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris! Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Milli bahar baýramyny – Halkara Nowruz gününi ýene köp ýyllar toýlamak nesip etsin!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden, gyzgyn gutlaýarys!

Zähmetkeş halkymyz bu ajaýyp baýramçylygy uly ruhubelentlikde, agzybirlikde Siziň daşyňyza öňküden-de berk jebisleşmek bilen baýram edýär, ene topraga tohum sepilip, geljekki hasylyň düýbi tutulýar. Sizi ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat baglaýan bu ajaýyp, milli baýram bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegini we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz netijesinde, eziz Diýarymyz halkara derejesinde parahatçylygy we ynsanperwerligi berkitmäge işjeň gatnaşýan ýurt hökmünde dünýä ykrarnamasyna eýe boldy. Çuňňur ruhy pelsepesi, gaýtalanmajak gözelligi hem-de many-mazmuny bilen tapawutlanýan Nowruz hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak däplerini pugtalandyrmaga ýardam edip, halklaryň mizemez gymmatlyklarynyň umumylygyny alamatlandyrýar. Özüniň köpöwüşginliligi we hoşboýlygy bilen gözelligiň, täzelenişiň we tebigatyň galkynmagynyň nyşany bolan Nowruz güni Siziň alyp barýan syýasatyňyza kybapdaşlygy bilen hasam gözeldir!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi halkymyzyň belent ruhuny, bitewüligini, gözel tebigatymyzyň ajaýyplygyny alamatlandyrýan, parahatçylygy, dostlugy, hoşniýetliligi we ynsanperwerligi dabaralandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek mähirli gutlaýarys! Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyza bahar geldi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň baharynda Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni giňden baýram edilýär. Sizi we ähli halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Pasyllaryň soltany hasaplanýan baharda tebigat janlanyp, gül-gülälekleriň jana şypa beriji ýakymly ysy, paslyň mylaýym howasy ýurdumyzy mundan beýläk hem ösdürmäge, halkymyzyň hal-ýagdaýyny, durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ruhlandyrýar.

Gündogarda hormat goýulýan baýramlaryň biri bolan Nowruz ynsanperwer we döredijilik däpleri – rehimlilik we asudalyk, şatlyk hem-de guwanç, päk ýüreklilik we özara hormat goýmak ýaly däpleri bilen dünýäde çäksiz şöhrata eýe boldy hem-de halkara jemgyýetçiligi tarapyndan umumadamzat ösüşiniň täsin gymmatlygy hökmünde ykrar edildi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen Sizi we ähli türkmenistanlylary ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Size we agzybir halkymyza rowaçlyklary arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

*Milli bahar baýramy - Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!*

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI!**

Biz Sizi we ähli türkmen halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys! Goý, Türkmenistanda we her birimiziň öýlerimizde toý-baýramlaryň sany köp bolsun! Size berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Мы поздравляем Вас и весь туркменский народ с весенним праздником – Международным днем Новруз! Пусть во всем Туркменистане и в каждом доме будет больше праздников! Мы желаем Вам долгой жизни и крепкого здоровья!

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Her ýylyň mart aýynyň 21–22-si Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni diýlip yglan edilip, ýurdumyzyň ähli künjegi uly dabaralara beslenýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Milli bahar baýramy mynasybetli Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny agzybir işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Tebigatyň ynsan kalbyna ruhubelentlik, şatlyk we galkynyş, jümle-jahana direliş hem-de täzeleniş bagyş edýän çagynda – pasyllaryň soltany baharda ýurt asudalygynda, il agzybirliginde, ruhubelentlikde, jebislikde bellenilýän Milli bahar baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni bezeýän şanly seneleriň biridir. Şeýle ajaýyp döwri halkymyza peşgeş berendigiňiz üçin, il-ulsumyzy döwletli-döwrana, bagtyýarlyk döwrüne ýetirendigiňiz üçin Siziň belent başyňyz aman bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen döwletiniň gülläp ösmeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, türkmen halkyna bolsa agzybirlik, parahatlyk, asuda we bagtyýar durmuş arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Wepa KERWENOW.**

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Älemgoşar öwüşgünli bahar pasly ynsanlara ruhy güýç, ylham paýlaýar. Bahar paslynyň gelmegi bilen adamlar hem ruhy taýdan galkynýar, joşýar. Gözbaşyny asyrlaryň çuňlugyndan alyp gaýdýan Nowruz baharyň gelmegini, tebigatyň janlanmagyny we täze durmuşyň başlanýandygyny alamatlandyrýar. Adamlaryň kalplarynda söýgi, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly nurana duýgulary oýarmak bilen, Nowruz şatlyk we ynam eçilýär, dostlugy, birek-birege hormat goýmagy we ylalaşygy pugtalandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, tutýan tutumly işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас и весь туркменский народ с Международным днём Новруз – Национальным праздником весны.

Международный день Новруз – олицетворение мира, отношений дружбы и добрососедства, гуманизма, созидательных инициатив, он отмечается в пору пробуждения природы и как одно из древнейших празднеств занимает особое место в культурном развитии человечества.

Сегодня Новруз байрамы, истоки которого уходят вглубь многовековой истории человечества, способствует сближению, взаимопониманию и взаимному уважению народов. Именно поэтому специальной Резолюцией Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций 21 марта объявлен Международным днём Новруз.

Национальный праздник весны символизирует начало новой жизни, проявляющейся в зелёных ростках пробудившейся природы. Весенний праздник дарит вдохновение труженикам всех сфер народнохозяйственного комплекса, способствуют позитивным переменам в обществе.

От всего сердца еще раз поздравляем Вас с Национальным праздником весны – Международным днём Новруз! Желаем Вам доброго здоровья, счастливой и благополучной жизни, новых больших успехов в работе!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь Хуайлун, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**